## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW: – TÜRKMEN TELEKEÇILERINIŇ IŞJEŇ MAÝA GOÝUM BAŞLANGYÇLARY BARHA ROWAÇLANYP, OLAR ÝURDUMYZYŇ YKDYSADY ÖSÜŞLERINE SALDAMLY GOŞANT GOŞÝARLAR.


# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

19-njy mart, 2026. Belgisi 12/1682




# ÝURDUMYZYŇ HUSUSY PUDAGY ULY ÖSÜŞLERE BESLENÝÄR

**17-nji martda paýtagtymyzda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmeginiň 18 ýyllygy mynasybetli giň gerimli sergi öz işine başlady. Söwda-senagat edarasynda ýaýbaňlandyrylan gözden geçiriliş Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hususy pudagyň depginli ösüşini aýdyň beýan edýär.**

Serginiň açylyş dabarasyna Mejlisiň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, daşary ýurt kompaniýalarynyň, Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalaryň we halkara guramalaryň ýolbaşçylarydyr wekilleri gatnaşdylar.

Dabarada döwlet Baştutanymyzyň sergä hem-de «Türkmenistanyň geljegine maýa goýumlar» atly halkara foruma gatnaşyjylara iberen Gutlagy okaldy.

Soňra myhmanlar hususy pudagyň ýeten sepgitlerini şöhlelendirýän köpugurly sergi bilen tanyşdylar. Bu gözden geçiriliş ýurdumyzyň hususy pudagynyň döwrebap tehnologiýalary, dolandyrmagyň innowasion usullaryny üstünlikli özleşdirýän kuwwatly döredijiligüýje öwrülýändiginiň aýdyň güwäsidir. Şu ýylky sergä milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynda iş alyp barýan hususy kärhanalaryň ýüzlerçesi gatnaşýar.

Sergide daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümler we ýurdumyzyň eksport kuwwatyny ýokarlandyrmak babatda gazanylýan üstünlikleri görkezýän diwarlyklar esasy orny eýeleýär. Myhmanlar durmuş-ykdysady syýasatyň esasyny düzýän «Döwlet adam üçindir!» diýen şygaryň dabaralanýandygynyň şaýady bolýarlar. Gurluşyk senagatyna degişli bölümlerde «Derýaplastik», «Ak bulut» ýaly kärhanalar şähergurluşyk maksatnamasyny durmuşa geçirmekde işjeň ulanylýan innowasion işläp taýýarlamalary bilen tanyşdyrýarlar. Diwarlyklarda görkezilýän ýokary hilli bezeg serişdeleri, asma petikler, polimer turbalar hili boýunça dünýä ülňülerine laýyk gelýär. Bu bolsa ýurdumyzyň işewürleriniň tehnologik taýdan kämilleşýändigini tassyklaýar.

Telekeçileriň sanly ykdysadyýeti ösdürmäge goşýan goşandyna bagyşlanan ekspozisiýalar aýratyn ünsi çekýär. «Aýdyň gijeler» hojalyk jemgyýeti telewizorlaryň, kompýuterleriň, yşyklandyryş ulgamlarynyň we beýleki elektron tehnikalaryň täze nusgalary bilen tanyşdyrýar. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ulgamlaryny sanlylaşdyrmak boýunça öňde goýan wezipeleriniň üstünlikli amala aşyrylýandygyny görkezýär.

Oba hojalyk pudagyna bagyşlanan bölümler ýurdumyzda azyk bolçulygynyň barha pugtalandyrylýandygyna şaýatlyk edýär. «Nurly meýdan», «Sahabatly» ýaly iri kärhanalar guşçulyk we maldarçylyk önümleri bilen tanyşdyrýarlar. Bu gün olar içerki bazary üpjün etmek bilen bir hatarda, daşarky bazarlara hem ynamly çykýarlar. Süýji-köke önümlerini öndürijileriň diwarlyklary önümleriň dürli görnüşleri bilen gözüňi dokundyrýar. Şolaryň hatarynda «Hasar», «Misgär» ýaly kärhanalaryň diwarlyklary aýratyn tapawutlanýar. Azyk önümleriniň önümçiliginde halkara howpsuzlyk standartlarynyň ulanylmagy türkmen telekeçilerine dünýä belli haryt nyşanlary bilen üstünlikli bäsdeşlik etmäge mümkinçilik berýär. Ýurdumyzyň kärhanalarynyň halkara ISO hem-de HACCP güwänamalaryna eýe bolmagy olaryň azyk önümleriniň ýokary hillidigine, ekologik taýdan howpsuzdygyna şaýatlyk edýär.

Himiýa senagatynda işleýän hususy telekeçiler öý-hojalyk we ýöriteleşdirilen himiýa serişdeleriniň önümçiliginde gazanan üstünlikleri bilen tanyşdyrýarlar. Oba hojalykçylar üçin ýerli çig maldan öndürilýän suwuk organomineral dökünler, gumin serişdeleri bilen tanyşdyrýan diwarlyklar sergä gelenleriň aýratyn ünsüni çekýär.

Mebel we öý-hojalyk harytlaryna bagyşlanan bölümlerde degişli kärhanalar milli däpleri nazara alyp, öňdebaryjy dizaýnerçilik çözgütleri bilen tanyşdyrýarlar. Hünärmenleriň ýokary ussatlygy, ekologik taýdan arassa serişdeleriň ulanylmagy bu önümleri geçginli haryda öwürýär. Ýeňil senagata bagyşlanan bölümlerde milli nagyşlary häzirki zaman dünýä meýilleri bilen sazlaşykly utgaşýan egin-eşikler, dokma önümleri tanyşdyrylýar. Hususy tikinçilik kärhanalary milli haryt nyşanly önümleriň önümçiligini üstünlikli özleşdirýärler.

Lukmançylyk senagatynda gazanylýan üstünlikler bilen tanyşdyrýan bölümde Arkadag şäheriniň lukmançylyk klasteriniň mümkinçiliklerine aýratyn üns çekilýär. Diwarlyklarda lukmançylyk serişdeleriniň önümçiligine ýöriteleşen kärhanalaryň önümleri görkezilýär. Arkadag şäheriniň lukmançylyk klasterinde ýokary tehnologiýaly önümçiligiň döredilmegi saglygy goraýyş ulgamyny ýokary hilli serişdeler bilen üpjün etmekde hususy başlangyçlar üçin täze gözýetimleri açar. Munuň özi döwletimiziň innowasion senagat zolaklaryny halkymyzyň saglygynyň bähbidine ulanmaga toplumlaýyn çemeleşýändiginiň güwäsine öwrüler.

Sergide ulag-logistika pudagynda ýetilen sepgitler bilen hem tanyşdyrylýar. «Hazar logistik», «Ulagly» ýaly kompaniýalar üstaşyr ulag geçelgelerini kemala getirmekde möhüm orny eýeleýärler. Hususy ýük daşaýjylaryň mümkinçilikleri bilen tanyşdyrylmagy Beýik Ýüpek ýolunyň çatrygynda ýerleşýän wajyp üstaşyr ulag merkez hökmünde ýurdumyzyň eýeleýän ornuny açyp görkezýär. ■ 2

# «Türkmenistanyň geljegine maýa goýumlar» atly halkara forum geçirildi

**18-nji martda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň binasynda «Türkmenistanyň geljegine maýa goýumlar» atly hususy pudaga maýa goýumlaryny çekmek boýunça halkara forum (IFT 2026) geçirildi. Forum Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň hem-de Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň «TMT Consulting Group» bilen hyzmatdaşlygynda guraldy.**

«Türkmenistanyň geljegine maýa goýumlar» atly hususy pudaga maýa goýumlary çekmek boýunça halkara forum indi ikinji gezek geçirilýär we eýýäm özüni ynamly, netijä gönükdirilen meýdança hökmünde görkezdi. Bu forum işewürler jemgyýetiniň, halkara maýadarlaryň we döwlet edaralarynyň arasynda gurluşly gepleşikleriň amala aşyrylmagyna mümkinçilik döredýär. Ilkinji forum Türkmenistanyň maýa goýum kuwwaty bilen amaly, hyzmatdaşlyga esaslanan formatyň netijeliligini tassyklady. Gazanylan netijelerden ugur



alyp, IFT 2026 işewürlik we maýa goýum meýilnamasyny giňeltmegi, has köp hyzmatdaşlyklary we maýa goýum ylalaşyklaryny işläp çykmagy maksat edinýär. Bu bolsa Türkmenistanyň hususy pudagynyň, umuman, milli ykdysadyýetiniň durnukly ösmegine goşant goşar.

IFT 2026 hususy pudak bilen döwlet edaralarynyň göni hyzmatdaşlygyny üpjün etmek maksady bilen taýýarlanan amaly, oňyn netijä gönükdirilen işewür we maýa goýum meýdançasydyr. Gatnaşyjylara hyzmatdaşlar, degişli döwlet edaralary we B2B we B2G görnüşindäki duşuşyklara pudaklaýyn giriş mümkinçilikleri berilýär, bu bolsa B2C görnüşindäki hyzmatdaşlyk mümkinçilikleri bilen giňeldilýär. Forum Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň 18 ýyllygy mynasybetli halkara sergi bilen utgaşdyrylyp geçirilýär, bu bolsa işewürleriň arasyndaky gatnaşyklary we bazara çykmak mümkinçiliklerini has hem giňeldýär. ■ 2

# TÜRKMEN-HYTAÝ GATNAŞYKLARY – NETIJELI HYZMATDAŞLYGYŇ NUSGASY

**17-nji martda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň çakylygy boýunça dostlukly sapar bilen HHR-e ugrady.**

Gahryman Arkadagymyz Hytaýa ugramak üçin paýtagtymyzyň Halkara howa menziline gelip, bu ýerde ýurdumyzyň syýasy partiýalarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylary bilen söhbetdeş boldy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri soňky ýyllarda Türkmenistan bilen HHR-niň arasyndaky gatnaşyklaryň hil taýdan täze derejä çykarylýandygyny belledi. Parlamentara hyzmatdaşlyk, syýasy partiýalaryň arasyndaky gatnaşyklar işjeň ösdürilýär. Bu ugurda özara saparlar yzygiderli guralýar. Munuň özi hyzmatdaşlygy manymazmun taýdan baýlaşdyrmaga ýardam berýär. Hormatly Arkadagymyz ýakynda geçirilen Halk wekilleriniň Ählihytaý ýygnagynyň mejlisinde Howpsuzlyk, Siwilizasiýa, Ösüş, Dolandyryş ýaly ählumumy başlangyçlaryň kabul edilendigine ünsi çekip, olaryň Türkmenistanyň «Ösüş arkaly parahatçylyk», «Dialog – parahatçylygyň kepili» başlangyçlary bilen manymazmun taýdan gabat gelýändigini belledi. Şeýle hem bu ählumumy başlangyçlar ýurdumyzyň Beýik Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeltmek we milli medeni mirasymyzy dünýäde giňden ýaýmak boýunça tagallalary bilen utgaşýar.

Gahryman Arkadagymyz medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryň biridigini nygtady. Hytaýyň ýokary okuw mekdeplerinde türkmen talyplarynyň müňlerçesiniň bilim almagy bu ugurdaky gatnaşyklaryň ösdürilýändigine şaýatlyk edýär. Gahryman Arkadagymyz 2025-nji ýylyň awgustynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidentiniň ýolbaşçylygyndaky türkmen wekiliýetiniň Hytaý Halk Respublikasyna amala aşyran saparynyň dowamynda Sun Sinlin adyndaky gaznanyň hem-de dostlukly ýurduň bilim ulgamynyň ýolbaşçylary bilen duşuşyklaryň geçirilendigini, Hytaýyň Sun Sinlin adyndaky Ylmy-tehniki we medeni gatnaşyklar boýunça ýaşlar merkezine barlyp görlendigini aýtdy. «Bu sapar ýurtlarymyzyň arasynda bilim ulgamyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmekde we çagalaryň abadançylygynyň bähbidine gönükdirilen tagallalary birleşdirmekde möhüm ädime öwrüldi» diýip, Milli Liderimiz sözüni jemledi.

Bu gün türkmen-hytaý gatnaşyklary özara hormat goýmaga, deňhukuklylyga, çuňňur ykdysady integrasiýa esaslanýan strategik hyzmatdaşlygyň nusgasy bolup durýar. Diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýlan wagtyndan bäri ýurtlarymyz dürli ulgamlary, şol sanda energetika, ulag, ýokary tehnologiýalar, ynsanperwer ugurlary öz içine alýan hyzmatdaşlygyň ygtybarly binýadyny kemala getirdiler. Hytaý Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesini yzygiderli goldap, oňa sebitde durnuklylygy, howpsuzlygy üpjün etmegiň möhüm şerti hökmünde garaýar. Halkara giňişlikde ýurtlarymyz BMG-niň we beýleki iri halkara guramalaryň, «Merkezi Aziýa – Hytaý» formatynyň çäklerinde tagallalary utgaşdyrýarlar. Taraplar ähli gapma-garşylyklaryň parahatçylykly ýollar arkaly çözülmegi ugrunda çykyş edip, dünýä gün tertibiniň esasy meseleleri boýunça garaýyşlarynyň gabat gelýändigini görkezýärler. Halkara düzümleriň çäklerinde birek-biregiň başlangyçlarynyň yzygiderli goldanylmagy Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky çuňňur syýasy ynamy tassyklaýar.

Energetika hyzmatdaşlygy ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň esasy binýady bolup durýar. Häzirki döwrüň ägirt uly inženerçilik desgasy bolan Türkmenistan – Hytaý transmilli gaz geçirijisi dostlukly ýurda ekologik taýdan arassa ýangyjyň durnukly eksportyny üpjün edýär. Bu taslama diňe bir Hytaýyň energetika howpsuzlygyny pugtalandyrmak bilen çäklenmän, eýsem, ýurdumyzyň ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmaga hem mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň «Beýik Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeltmek» strategiýasynyň Hytaýyň «Bir guşak, bir ýol» başlangyjy bilen utgaşdyrylmagynyň çäklerinde ulag-logistika ulgamy hyzmatdaşlyk üçin täze gözýetimleri açýar. Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk hem ösüş depgini bilen tapawutlanýar. Hytaý ýurdumyzyň iň iri söwda hyzmatdaşlarynyň biridir. Dokma senagaty, oba hojalygy, ýokary tehnologiýalar ulgamlarynda hyzmatdaşlyk işjeň ösdürilýär. Türkmen telekeçileri Hytaýda geçirilýän iri sergilere yzygiderli gatnaşyp, özleri üçin hytaý bazaryny açýarlar.

Ýokary tehnologiýalar, sanly özgertmeler özara hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryna öwrüldi. Hytaýyň iri tehnologiýa kompaniýalary Diýarymyzda aragatnaşyk ulgamyny ösdürmek boýunça taslamalara işjeň gatnaşýarlar. Bu hyzmatdaşlyk «akylly» şäherleri dolandyrmak ulgamyna, senagat önümçiligine innowasion çözgütleri ornaşdyrmaga ýardam berýär.

Medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyk iki ýurduň halklaryny ýakynlaşdyrmak üçin berk binýady döredýär. Saglygy goraýyş, ekologiýa boýunça hyzmatdaşlyga aýratyn üns berilýär. Howanyň üýtgemegine garşy göreşmek, energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalary ornaşdyrmak bilen bagly bilelikdäki taslamalar iki ýurduň hem geljek nesilleriniň abadan durmuşyny üpjün etmäge jogapkärçilikli çemeleşýändigini görkezýär. Geljege nazar aýlamak bilen, türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de pugtalandyryljakdygyny ynam bilen aýtmak bolar. Wagtyň synagyndan geçen bu gatnaşyklar Merkezi Aziýada durnuklylygyň wajyp şerti we umumy abadançylygyň bähbidine iki döwletiň netijeli hyzmatdaşlygynyň aýdyň nusgasy bolup durýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideriniň Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň çakylygy boýunça amala aşyrýan şu gezekki dostlukly sapary gözbaşyny asyrlardan alyp gaýdýan türkmen-hytaý gatnaşyklaryny pugtalandyrmakda hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlygy uzak möhletleýin esasda ösdürmekde nobatdaky möhüm ädim bolar.

Gahryman Arkadagymyzyň uçary birnäçe sagatdan soňra, Pekiniň iki ýurduň Döwlet baýdaklary bilen bezelen «Şoudu» Halkara howa menziline gelip gondy. Haly düşelen ýodajygyň ugrunda Hormat garawulynyň esgerleri nyzama düzülipdir. Bu ýerde türkmen halkynyň Milli Liderini HHR-niň we ýurdumyzyň resmi adamlary mähirli garşyladylar.

## 1200 kilometr geçdi

Edil gury ýerde bolşy ýaly, suwuň astynda hem janly-jandarlaryň müňlerçe görnüşi ýaşaýar. Golaýda tebigaty öwrenijiler bir ýaş kit akulasynyň Madagaskar adasynyň golaýyndan Seýşel adalaryna çenli 1200 kilometr aralygy ýüzüp geçendigini anykladylar. Alymlar bu jandarlaryň şu aralykda hereket edýändigine şübhelenýärdiler. Uzak ýyllaryň dowamynda geçirilen barlaglaryň netijesinde ilkinji gezek bu ýagdaý tassyklandy. Madagaskar kit akulasy taslamasynyň hem-de Seýşeller Respublikasynyň deňiz gorag jemgyýetiniň hünärmenleri tarapyndan bu jandar 2019-njy ýylda Madagaskaryň, geçen ýyl bolsa, Seýşel adalarynyň golaýynda surata düşürilipdir. Edil adamyň barmagynyň yzlarynyň tapawutly bolşy ýaly, bu jandarlaryň hem daşy-



nyň menekleri biri-birinden tapawutlanýar. Ýagny, hiç bir kit akulasy beýlekisine meňzemeýär. Alymlar hem bu tebigy aýratynlygy arkaly jandaryň şeýle uzak aralyga gidendigini anyklapdyrlar.

2003-nji ýyldan bäri Seýşeller Respublikasynda bu jandarlaryň awlanmagy çäklendirilýär. Täze açyş deňiz jandarlaryny gorap saklamak üçin halkara hyzmatdaşlygynyň näderejede ähmiýetlidigini görkezýär.

Boýy 20 metre, agramy 20 tonna ýetýän bu jandarlar şeýle uludygyna garamazdan, planktonlar hem-de örän ownuk deňiz jandarlary bilen iýmitlenýär.

Ylmy barlagyň netijeleri baradaky makala «Oryx» (The International Journal of Conservation) žurnalynda çap edildi.

Serdar AGAMYRADOW,
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## Üç ölçegli karta hödürlendi

Nämäniň nirededigini görkezýän, ýol salgy berýän «Google Maps»-iň täze nusgasy hödürlendi. Kartanyň täze görnüşinde emeli aň tehnologiýasyndan peýdalanylypdyr. Kartadaky köp desga üç ölçegli şekilde görkezilýär. «Google» indi ýollaryň has jikme-jikligi bilen görkezilýändigini, ýol salgy berýän sesli hyzmatynyň hem kämilleşdirilendigini mälim etdi. Kompaniýanyň wekilleri bu täzeligiň karta hyzmatlaryna 10 ýyl-




dan soňky girizilen iň uly täzelikdigini mälim etdiler. Täze girizilen «Ask Maps» (Kartalardan sora) aýratynlygy ulanyjylaryň sesli buýruklar arkaly hakyky ýagdaýa görä sorag bermegine mümkinçilik döredýär. Indi ulanyjylar «Telefony nirede zarýada goýup bilerin?», «Şu gün gije tennis oýnap boljak ýagty tennis korty barmy?» diýen ýaly üýtgeşik sowallary hem berip bilýärler. Ulgam ulanyjylaryň isleglerine görä iň amatly ýerleri salgy berýär. Şeýle hem restorandan ýer belletmek, barlan ýerleri sanawa ýazmak we dostlaryň bilen paýlaşmak ýaly hyzmatlar hem elýeterli edildi.

Derýa SÄHETMYRADOW,
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Demir ýol üçin ulag

Fransiýada ulanyşdan galan demir ýollary peýdalanmak maksady bilen ýörite ulag işlenip düzüldi. SICEF atly firma ýerde hem-de relsleriň üstünde hereket edip bilýän kiçi mikroawtobuslary öndürmegi maksat edinýär. «Ferromobil» atly ulag, esasan, awtoulaglardan köp peýdalanylýan oba ýerlerinde ulanmak üçin niýetlenendir. Ýurduň çäginde ulanylmaýan demir ýollaryň umumy uzynlygy 5 müň 700 kilometre ýetýär. Inženerler ulagyň aňsatlyk bilen relse münmegi hem-de düşmegi üçin goşmaça enjam işläp taýýarladylar. Munuň üçin «Peugeot e-Traveller» mikroawtobusy saýlanyp alnypdyr. Şeýlelikde, bu ulaglar



hem ýolda, hem-de demir ýolda sürlüp bilner.

Täsin ulag, ilkinji nobatda, Owern sebitindäki Kurpýer-Wertolaýe aralygynda synagdan geçiriler. Oňyn netije beren ýagdaýynda, Oksitaniýa, Brittani we Täze Akwitaniýa ýaly beýleki ýerlerde hem ulanmaga berler.

8 orunlyk ferromobilleri kärendesine alyp bolar. Şeýle hem bu ulaglar bilen demir ýolda ýolagçy gatnawy ýola goýlar. Relsiň üstünde wagty ulag sürüjisiz özbaşdak hereket eder.

Adaty «Peugeot e-Traveller» ulaglary dolulygyna elektrik energiýasy bilen işleýär. Uly maşgalalar üçin niýetlenen bu ulag bir gezeklik zarýady bilen 330-350 kilometr ýol geçip bilýär.

Seýdi TAÝLYÝEW,
*Görogly etrabynyň Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň lukman epidemiology.*

# ÝURDUMYZYŇ HUSUSY PUDAGY ULY ÖSÜŞLERE BESLENÝÄR






**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Söwda we durmuş hyzmatlaryna bagyşlanan bölümlerde halkara standartlar boýunça işleýän supermarketler öz mümkinçilikleri bilen tanyşdyrýarlar. Elektron töleg ulgamlarynyň, sanly hyzmatlaryň ornaşdyrylmagy innowasiýalaryň adamlaryň gündelik durmuşyna giňden ornaşýandygyny tassyklaýar.

Serginiň aýratyn bölümi amaly-haşam sungatynda gazanylýan üstünliklere bagyşlanypdyr. Bu ugurda iş alyp barýan telekeçiler pederlerimiziň bize goýan mirasyny aýawly saklaýarlar. Nepis haly önümleri, şaý-sepler şöhratly geçmişimiz bilen beýik geljegimiziň arasynda köpri bolup, myhmanlarda uly gyzyklanma döredýär. Ekspozisiýa hususy pudagyň sport senagatyny ösdürmäge goşýan goşandyny hem doly açyp görkezýär. Ýurdumyzda öndürilýän sport egin-eşikleri alyjylaryň arasynda uly islegden peýdalanýar.

Neşirýat we çaphana işine bagyşlanan bölümlerde ýurdumyzyň gazanýan üstünliklerini şöhlelendirýän çaphana önümleri görkezilýär. Ýerli çaphanaçylaryň döwrebap dizaýnerçilik çözgütleri bu ýokary tehnologiýaly pudagyň ösüşiniň derejesine şaýatlyk edýär.

Käbir hususy kompaniýalar energiýa tygşytlaýjy we awtomatlaşdyrylan ulgamlary ornaşdyrmak boýunça taslamalar bilen tanyşdyrýarlar. Munuň özi türkmen işewürliginiň «ýaşyl» ösüş ýörelgelerine, ýurdumyzyň energiýa serişdelerini netijeli peýdalanmaga ygrarlydyklaryny görkezýär.

Sergi bilen tanyşlygyň dowamynda myhmanlar gözden geçirilişiň ýokary guramaçylyk derejesini, öz diwarlyklary bilen tanyşdyrýan işgärleriň hünär ussatlygyny belleýärler. Her bir ekspozisiýa öz ykbalyny telekeçiligi ösdürmek bilen baglan adamlaryň tutanýerli zähmetiniň we zehininiň netijesidir. Şu gezekki sergi döwlet Baştutanymyzyň parasatly syýasatynyň we hususy başlangyçlara berýän hemmetaraplaýyn goldawynyň aýdyň netijesidir. Diýarymyzda döredilen amatly hukuk we maliýe şertleri telekeçilere dürli taslamalary durmuşa geçirmäge, geljege ynam bilen garamaga mümkinçilik berýär.

Sergi 19-njy martda öz işini tamamlar.

# «TÜRKMENISTANYŇ GELJEGINE MAÝA GOÝUMLAR» ATLY HALKARA FORUM GEÇIRILDI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

IFT 2026-a gatnaşmak, maýadarlara we kompaniýalara gyzyklanma bildirilýän bazarlara çykmaga, kanunçylyk we institutlar bilen tanyşmaga, Türkmenistanda işewürlik mümkinçiliklerini döretmäge, bilelikdäki kärhanalary gurmaga we maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmäge zerur bolan amaly gurallary birbada öwrenmäge mümkinçilik berýär.

Foruma gatnaşyjylar taslamalary tanyşdyrmak, mümkin bolan hyzmatdaşlar we maýa goýujylaryň arasynda gepleşikler geçirmek, şeýle hem maýa goýum hem-de taslamalara goldaw bermek boýunça meseleleri ara alyp maslahatlaşmak mümkinçiligine eýe boldular.




«Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň durnukly ösüşinde we maýa goýum maksatnamasynda hususy pudagyň tutýan orny» atly umumy bölüm bilen öz işine başlan maslahat «Döwlet-hususy hyzmatdaşlygy hem-de döwlet goldawy – ykdysady ösüşiň girewi», «Hususy pudagyň oba hojalygyny ösdürmek boýunça mümkinçilikleri we azyk howpsuzlygyny üpjün etmekde eýeleýän orny», «Ykdysadyýetiň hususy pudagy we infrastruktura: gurluşyk, senagat we ulag ulgamlaryna maýa goýumlar», «Sanly Türkmenistan: maýa goýum gurşawynyň kämilleşdirilmegi» atly bölümler bilen dowam etdi. Maslahatyň ahyrynda ikitaraplaýyn duşuşyklaryň birnäçesi geçirildi. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygynyň uludan toýlanyljak ýylynda ýaýbaňlandyrylan bu giň gerimli halkara forum netijeli hyzmatdaşlygyň täze gözýetimleriniň hem-de başlangyçlarynyň ygtybarly meýdançasyna öwrüldi.

# TÜRKMEN SAZYNYŇ GUDRATY

Türkmen halkynyň köp müňýyllyk taryhynda saz diňe bir göwün açyjy serişde däl-de, eýsem, halkyň kalbynyň syrdaşy bolup hyzmat edip gelýär. «Saz – ruhuň iýmiti» diýen pähimden ugur alsak, türkmen sazynyň gudraty onuň ynsan kalbynyň inçe tarlaryna aralaşyp bilýänligindedir.

Saz – türkmeniň kalby. Türkmen sazynyň gözbaşyny, hamyrmaýasyny tapmak üçin, müňýyllyklaryň gatyna gitmeli. Asyrlardan, nesillerden çykýan owazlara diň salmagy başarmaly.



Türkmen halkynyň gadymdan gelýän baý medeni mirasynyň iň möhüm ugurlarynyň biri aýdym-saz we bagşyçylyk sungatydyr. Türkmen dutarynyň we gyjagynyň owazynda sähralaryň giňligi, daglaryň belent ruhy we taryhyň dowamatlylygy bar. Gadymy rowaýatlarda bu şirin owazlaryň hatda agyr dertli syrkawlary sagaldandygy, adamlaryň arasyndaky gahar-gazaby eretjek güýje eýedigi aýdylýar. Bu tötänlik däl, sebäbi türkmen sazy ynsan bilen tebigatyň sazlaşygynyň beýanydyr. Sazyň gudratyny nesilden-nesle geçirmekde bagşy-sazandalarymyzyň bitiren hyzmaty çäksizdir.

Şu günki günde türkmen sazy diňe bir milli mirasymyz bolman, eýsem, dünýä medeniýetiniň hem aýrylmaz bölegidir. ÝUNESKO-nyň Adamzadyň medeni mirasynyň sanawyna girizilen dutar ýasamak senetçiligi we saz çalmak sungaty biziň bu ugurdaky guwanjymyzdyr. Saz halklary birleşdirýän, dostluk köprülerini gurýan iň täsirli dildir.

Bagşyçylyk sungaty halkyň ýüreginiň owazy, ruhy güýjüdir. Türkmen halkynyň medeni dünýäsinde bu sungatyň orny aýratyn ähmiýete eýedir. Şonuň üçinem «Bagşyly il – bagtly il» diýen jümle diňe bir halk nakyly däl, eýsem, ýaşamak pelsepesine öwrülen söz hakydasydyr. Berkarar döwletimizde bu sungat döwlet tarapyndan goldanylýar. Ýaş bagşylaryň, sazandalaryň, kompozitorlaryň döredijilik mümkinçilikleri giňeldilýär. Medeniýet öýleri, ýöriteleşdirilen sazçylyk mekdepleri bu ugurda täze derejelere çykýar. Ýurt we halkara derejesindäki aýdym-saz festiwallary, bäsleşikler arkaly türkmen mukamlarynyň owazy dünýäniň dürli ýurtlarynda ýaňlanýar. Türkmen halkynyň aýdym-saz sungaty häzirki döwürde-de ösüşleriň we täzelikleriň öňbaşçysy bolup çykyş edýän ruhy baýlykdyr.

Goý, Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň milli gymmatlyklarymyzyň dünýäde uly hormat-sarpa eýe bolmagy ugrunda alyp barýan giň gerimli işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Äşe HUDAÝAROWA,**
*Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky ýörite sazçylyk mekdep-internatynyň mugallymy.*

# HALKARA NOWRUZ GÜNI – BAHAR PASLYNYŇ ŞATLYGY

Pasyllaryň soltany saýylýan baharyň gelmegi bilen, ýurdumyzda Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni giňden bellenilip geçilýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda uly dabaralar bilen bellenilmegi ýola goýlan Nowruz baýramynyň döreýiş kökleri taryhymyzyň çuňluklaryndan gözbaş alýar. Merdana pederlerimiziň kalbynda we ruhy dünýäsinde ajaýyp medeni ösüşleri döredip gelen bu milli baýram täze ýylyň başlangyjy saýylypdyr. Şoňa görä-de, baýramyň mazmunyna siňen me-



deni dessurlar pederlerimiziň iň çuň pelsepelerinden, garaýyşlaryndan gözbaş alyp, asyrlaryň dowamynda ruhubelent türkmen halkynyň durmuşynda aýratyn möhüm orny eýeläp geldi.

Gije bilen gündiziň deňleşmegi, sähradyr ýaýlalaryň ýaşyl mahmala beslenmegi tebigatyň täzelenişini we sazlaşygyny dabaralandyrýar. Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň «Gelse Nowruz äleme, reň kylar jahan peýda» diýip taryp eden Nowruz baýramy bu gün nesilleriň kalbynda özboluşly joşgun döredýär.

Tebigatyň oýanýan, göwünleriň galkynýan we Ýer ýüzüniň ýaşyl lybasa bürenýän döwri - Milli bahar baýramy uly şatlyga beslenýär. Gündogar halklarynyň köpüsinde bolşy ýaly, türkmen halky üçin hem Halkara Nowruz güni ynsan bilen tebigatyň sazlaşygynyň, dostlugyň we täze başlangyçlaryň nyşanydyr.

Nowruz – «Täze gün» diýmekligi aňladyp, ol müňýyllyklaryň dowamynda kämilleşip gelen baýramdyr. 2010-njy ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan bu baýrama halkara derejesiniň berilmegi onuň dünýä medeniýetindäki ornunyň neneňsi uludygyny ýene bir gezek subut etdi.

Nowruz baýramy halklaryň arasyndaky parahatçylygy, hoşniýetli goňşuçylygy we özara hormaty berkitmegiň guralydyr. Garaşsyz Watanymyzda bu baýram agzybirligimiziň nyşanyna öwrüldi.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň häzirki günlerinde güneşli Diýarymyzda bu baýrama uludan taýýarlyk görüldi. Halkara Nowruz gününe bagyşlanyp, baý many-mazmunly çäreler geçirilýär.

Halkymyzyň milli baýramçylyk däp-dessurlaryny dünýä ýaýmakda taýsyz tagalla edýän Gahryman Arkadagymyza we hormatly Prezidentimize çäksiz alkyş aýdýarys.

Gülşirin ÇARYGULYÝEWA,
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň diller kafedrasynyň mugallymy.*

# ORAZA BAÝRAMY – HOŞNIÝETLILIGIŇ WE AGZYBIRLIGIŇ BAÝRAMY

Oraza baýramy bütin musulman ymmatynyň baýramydyr. Musulman senenamasynyň dokuzynjy aýy bolan, «Aýlaryň soltany» adyny alan Oraza aýy haýyr-sahawata, ynançygtykatlara, ýagşy niýet-pällere, alkyş-dileglere, mähir-muhabbete, sogaplara beslenendir. Halk arasynda «Günleriň serweri – juma, aýlaryň serweri – remezan, gijeleriň serweri – gadyr» diýlen belent düşünje bar. Gadyr gijesi Hydyr ata garaşylýan gijedir. Bu ynanç hem Oraza aýynyň adamlar tarapyndan aýratyn hormat-sarpa eýedigini, bu aýda berjaý edilmeli däp-dessurlaryň parzdygyny, bu aýda ediljek ýagşy işleriň jogabynyň ähli eden arzuwlarymyzyň maksat-myrady bolup gaýdyp geljekdigine bolan ynamymyzyň mizemezdigini aýan edýär.

Oraza aýynda ýerine ýetirilýän dessurlaryň ählisi il agzybirligini, birek-birege sarpany, beden sagdynlygyny, arassaçylyk bilen bagly edim-gylymlary, ýagşy niýet-pälleri, sahawaty ündeýär. Halkymyz bu baýramy milli däp-dessurlarymyz bilen utgaşykly belleýär. Oraza aýynyň däp-dessurlarynyň ählisi ýagşy arzuw-niýetler bilen baglydyr. Muňa mysal hökmünde Oraza aýynyň gelmegi bilen onuň buşlukçysy hasap edilýän çagalaryň üýşüp, öýden-öýe aýlanyp aýdýan sanawaçlaryny, şol sanawaçlardaky edilýän ýagşy dilegleri aýratyn bellemek ýerliklidir. Şol sanawaçlarda bu aýda her bir maşgalada toý bolmagy, rysgal-berekediň bol bolmagy dileg edilýär. Üýşüp gelen oglanjyklardyr gyzjagazlara berilýän degişme gatyşykly sowal-jogaplar bolsa bu dessuryň gyzygyny has-da artdyrýar.

Milli däp-dessurlarymyzyň, medeni mirasymyzyň ösdürilmegine uly goşant goşýan Oraza aýynyň edim-gylymlarynyň nesillerden-nesillere geçirilmeli mukaddes ýörelgedir. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylan şu ýylymyzda hem yn-



sanlaryň kalbyny tämizläp, olary biri-birine mähriban edýän, agzybirlige çagyrýan mübärek aýyň tamamlanmagy bilen Oraza baýramy bellenilýär. Goý, Remezan aýynda edilen ýagşy dilegler, berlen sadaka-pitreler, her bir päk arzuw-niýetler Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolsun! Oraza baýramyňyz gutly-mübärek bolsun!

**Kakajan BERDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň bölüm müdiri.*

# TEBIGAT TÄZE BAGLAR BILEN GÖZELLEŞÝÄR

Bahar paslynda baýramlar baýramlara, toýlar toýa ulaşýar. Ynha, ýene-de sanlyja günden Milli bahar baýramy ýurdumyzda şatlyk-şowhuna beslenip belleniler. Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni dost-doganlygyň baýramydyr. Bu baýram her bir adama ýakymly pursatlary, şatlygy, buýsanjy bagyş edýär. Munuň özi tebigatyň iň gözel pursatlarynyň, uly ruhubelentliginiň beýanydyr.



Bahar pasly Zeminiň täzeden janlanýan, ösümlikleriň parç bolup açylýan möwsümi hasap edilýär. Ol tebigatda bolup geçýän täzelenişi, janlanyşy aňladypdyr. Bularyň ählisi ynsanyň köňlünde baýramçylyk ruhuny döredýär.

Bahar paslynyň ajaýyp baýramçylygynyň bellenýän günlerinde ýurdumyzda ählihalk bak ekmek dabarasyny hem geçirmek bellenildi. Geçen ýyllarda bolşy ýaly, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň ýazky möwsüminde saýaly, pürli, miweli bag nahallaryny oturtmak meýilleşdirilýär. Şoňa görä-de, häzirki günlerde bag nahallaryny möwsüme taýýarlamak boýunça degişli işler alnyp barylýar. Milli hem-de ählumumy möçberde ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmegiň bähbidine tutuş ýurdumyzy bagy-bossanlyga büremäge gönükdirilen Milli tokaý maksatnamasy üstünlikli amala aşyrylýar. Munuň özi adamlaryň saglygyny goramak hem-de doly derejeli ýaşaýşy we dynç alşy üçin amatly şertleri döretmek wezipelerinden ybaratdyr. Ýurdumyzyň ekologiýa amatlylygyny üpjün etmäge gönükdirilen köpçülikleýin bag nahallaryny ekmek çäresine hemmeler bir adam ýaly bolup gatnaşýar. Bu sogaply işe ýaş nesilleriň hem işjeň gatnaşmagy milli ýörelgeleriň döwrebap derejede ösdürilýändigini görkezýär. Çünki türkmen ilinde bag ekmek bilen meşgullanýanlara aýratyn gadyr goýulýar. Halkymyz ösdürilip ýetişdirilýän baglara guwanyp, ony eken adamlary ýagşylykda ýatlaýar. «Ýaşyl ykdysadyýet» konsepsiýasy döwrüň talaby bolan ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda tebigy serişdeleri tygşytly ulanmak we ekologiýa taýdan arassa önümçiligi ýola goýmak işlerine badalga berýär. Türkmenistanyň her bir künjeginde köpçülikleýin bag ekmek dabaralary diňe bir ekologiýa çäresi däl-de, eýsem, täze taryhy döwrüň medeniýetidir. Milli tokaý maksatnamasynyň çäklerinde ekilýän baglar ýurdumyzyň howasynyň arassalanmagyna, biologik dürlüligiň saklanmagyna we çölleşmä garşy göreşe uly goşant goşýar. Bagy-bossanlyk – bu tebigatyň «janly öýkenidir». Çünki ynsan tebigatdan dem alýar. Her bir alýan demimiz tebigatyň howasyna, ekologiýa taýdan arassalygyna bagly bolup durýar.

Howamyzyň tämizligi ömrümiziň dowamlylygydyr. Goý, ekologiýa medeniýetini dabaralandyrýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, tutumly işleri hemişe rowaç bolsun!

**Nurgözel ÝAZYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy.*

## Ýolagçy sany iki esse artar

Halkara howa gatnawy bileleşiginiň maglumatyna görä, uçar ýolagçylaryna bolan islegiň 2050-nji ýyla çenli iki esse artmagyna garaşylýar. Bilermenler maglumat taýýarlanlarynda, uzak möh-




letli ykdysady ösüş, ilat sany, uçar ýangyjynyň bahasy, ýangyjyň täze görnüşlerine geçilmegi ýaly täsirleri göz öňünde tutupdyrlar. Bilermenler global ykdysady we jemgyýetçilik ösüşiniň dünýäde täze iş orunlaryny hem-de beýleki mümkinçilikleri döretjekdigini belleýärler. Täze taýýarlanan maglumat senagat we energetika pudaklary üçin uzak möhletli meýilnamalary taýýarlamaga mümkinçilik berer.

Maglumatda bellenilişi ýaly, Aziýa-Ýuwaş umman sebitinde we Afrikada has uly ösüş hasaba alnar. Ösüş depgini babatda bu sebitlerden soňra Ýewropa we Demirgazyk Amerika bolar.

Arzygül ÇARYÝEWA,
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Mollamurt adyndaky kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

## Wagtyň has takyk ölçegi

Adamlar irki döwürlerden bäri wagty ölçemek üçin dürli usullardan we guralardan peýdalanypdyrlar. Tehnikanyň ösmegi netijesinde wagt baradaky düşünje hem üýtgäpdir.

Hytaýly alymlar wagty ölçemek üçin täze enjamy oýlap tapdylar. «Stronsium optika kapasasy» atly sagat örän gysga wagty hem ölçemäge ukyplydyr. Täze enjamyň geljekde sekundyň kesgitlemesini üýtgedip biljekdigi bellenilýär. Sekunt ilkibaşda bir günüň 86 müň 400-den biri diýlip kesgitlenipdi. Emma Ýeriň Günüň daşyndan aýlanyş tizliginiň üýtgemegi sebäpli bu usul ylmy ölçegler üçin ýetmezçilik edip başlady. Şol sebäpli 1967-nji ýylda sekunt seziý-133 atomynyň 9.192.631.770 yrgyldysyna görä sazlandy. Optiki sagatlarda bolsa, ýagtylyk tolkunlaryndan yrgyldaýan stronsiý ýaly atomlar ulanylýar. Bu atomlar sekuntda 700 katrillion yrgyldy döredip, wagty seziý (himiki element) sagatlaryndan has takyk ölçemäge mümkinçilik berýär.

Hytaýyň Ylym we tehnologiýa uniwersitetiniň hünärmenleri has duýgur ulgamy oýlap tapdylar. Alymlaryň pikiriçe, aşa takyk şeýle sagatlar diňe wagty ölçemekde däl, eýsem, kosmos barlaglarynda hem ulanylyp bilner.

Her dört ýyldan bir gezek Parižde Halkara massalar we ölçegler baş maslahaty geçirilýär. Wagt, uzynlyk we agyrlyk ýaly ölçegleriň kesgitlenmegine gaýtadan garalýan bu



maslahatda hytaýly hünärmenleriň teklip edýän sekundyň täze kesgitlemesi bilen bagly netijä gelerler. Ölçeglere bagyşlanan halkara maslahat şu ýylyň 13-15-nji oktýabrynda geçiriler. Emma bu meselä 2030-njy ýyldaky ýygnakda garalmagyna garaşylýar.

Ylmy barlagyň netijeleri «Metrologia» žurnalynda çap edildi.

Myrat BAÝRAMGELDIÝEW,
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Mart aýynyň 19-y, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-118308
Belgisi: 12/1682
Tiražy: 10039
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Fransiýada ýerli saýlawlar geçirildi

**15-nji martda Fransiýada ýerli häkimiýetleriň ýolbaşçylaryny saýlamak üçin saýlaw geçirildi. Ýurtdaky kanunçylyga görä, 6 ýyldan bir gezek geçirilýän saýlaw iki tapgyrda amala aşyrylýar. Saýlawyň ikinji tapgyry 22-nji martda geçiriler. Ýurtda 49 milliona golaý saýlawçy bar. Saýlawa jemi 904 müň 42 dalaşgär gatnaşýar. Olar ululy-kiçili ilatly nokatlaryň ýerli häkimiýetiniň ýolbaşçysy bolmak ugrunda bäsleşýärler. Saýlawyň netijelerine görä, ýurduň çägindäki 34 müň 944 ilatly ýeriň ýolbaşçysy saýlanar.**



**Ýurtda ýerli saýlaw düzgüni adatdakylardan birneme tapawutly. Saýlawa ýerli häkimiýetiň ýolbaşçysy boljak dalaşgär gatnaşmaýar. Onuň deregine, ýerli mejlisiň agzalaryndan ybarat «sanaw» gatnaşýar. Saýlawyň birinji tapgyrynda 50 göterimden köp ses alan «sanaw» ýeňiji hasap edilýär we saýlawyň ikinji tapgyry geçirilmeýär. «Sanaw» 50 göterimden ýokary ses alsa, ikinji tapgyra gatnaşmaýar. Hiç bir «sanawyň» 50 göterimden köp ses almadyk ýerlerde, saýlawyň ikinji tapgyry geçirilip, oňa 10 göterimden köp ses alan «sanawlaryň» ählisi gatnaşýar. Ýagny, saýlawçylar mejlisiň agzalaryna ses berýärler. Ýeňiji bolan mejlisiň agzalary saýlawdan soňra öz aralarynda geçirilen ilkinji ýygnakda ýolbaşçy saýlaýar. Pariž, Marsel we Lýon ýaly uly şäherlerde bolsa, saýlawçylar hem uly şäheriň, hem-de ýaşaýan etrabynyň mejlisiniň agzalaryna ses berýärler.**

**Ýurtda şu ýylyň sentýabr aýynda Senatyň käbir agzalaryny saýlamak üçin bölekleýin saýlaw geçiriler. Senatyň agzalary saýlawçylaryň ses bermegi arkaly saýlanmaýar. Onuň deregine ýerli häkimiýetiň ýolbaşçylary tarapyndan saýlanýar. Şol sebäpli ýerli saýlaw güýzde geçiriljek Senatyň agzalarynyň saýlawyna hem täsir eder. Geljek ýyl bolsa ýurtda prezident saýlawy geçiriler.**

**Saýlawa Milli bileleşik partiýasy, Boýun egmeýän Fransiýa (LFI), Prezident Emmanuel Makronyň esaslandyran Renesans, Sosialist partiýa we Respublikaçylar partiýasy ýaly syýasy partiýalar gatnaşýar. Ses berenler bilen geçirilen pikir soralyşyklaryň netijesine görä, gatnaşyk 57,6% bolupdyr. Bu görkeziji 2020-nji ýyldaky saýlawda 44,66% bolupdyr.**

# GAZAGYSTANYŇ TÄZE KONSTITUSIÝASY

**15-nji martda Gazagystanda Konstitusiýanyň täze taslamasy üçin sala salşyk geçirildi. Esasy Kanunda Prezidentiň orunbasarynyň wezipesini döretmek, iki palataly parlamentden bir palataly görnüşe geçmek, milli hukugyň halkara hukukdan ýokarylygyny berkitmek we kanun çykaryjy başlangyç hukukly ýokary maslahat beriş edarasyny – Halk geňeşini döretmek boýunça üýtgetmeler halkyň garamagyna hödürlendi. Sala salşykda raýatlardan «Gazagystan Respublikasynyň täze Konstitusiýasyny kabul edýärmisiňiz?» diýlip soraldy. Saýlawçylar «hawa» ýa-da «ýok» diýip jogap berdiler. Ýurtda 12 million 461 müň 796 saýlawçynyň bardygy, saýlawa gatnaşygyň 73% bolandygy mälim edildi. Ses berenleriň 87,15 göterimi Konstitusiýanyň taslamasyny makullady. Täze esasy kanun 1-nji iýuldan güýje girer.**



**Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew geçen ýylyň 8-nji sentýabrynda ýurduň syýasy ulgamynyň düýpli täzelenjekdigini aýdyp, bir palataly parlament ulgamyna geçilmegini teklip edipdi. Şu ýylyň 11-nji fewralynda bolsa, sala salşyk geçirmek baradaky resminama gol çekipdi.**

**Sala salşygyň netijeleri belli bolandan soňra, Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew çykyş edip, 15-nji martda ýurtda döwlet derejesinde milli baýramyň — Konstitusiýa gününiň belleniljekdigini mälim etdi.**

# Syýahat üçin iň gowy şäherler

«Time Out» žurnaly syýahat etmek üçin iň gowy şäherleriň sanawyny taýýarlady. Sanaw taýýarlananda, ýerli ýaşaýjylar bilen pikir soralyşyk geçirilipdir. Şeýle hem neşiriň redaktorlarynyň we degişli şäherlere belet bilermenleriň hem pikiri soralypdyr. Jemi 150 şäherde ýaşaýan 24 müňden gowrak adam bilen pikir soralyşyk geçirilipdir. Gatnaşyjylara beriljek sowallar jemi 42 dilde taýýarlanypdyr. Ýaşaýjylara berlen soraglaryň arasynda aşhana, medeniýet, bahalaryň elýeterliligi, özüni bagtly duýup duýmaýandygy we umumy ýagdaý soralypdyr. Onunjy gezek taýýarlanan sanawa 50 şäher girizilipdir. Iň gowy şäheri saýlamak üçin ulanylan usulyň üýtgemegi netijesinde, käbir şäherler ilkinji gezek sanawa girizilipdir.

Sanawda ilkinji gezek Awstraliýanyň Melburn şäheri dünýäniň iň gowy şäheri diýlip ykrar edildi. Geçen ýyl bu şäher 4-nji ýerdedi. Şäherdäki «ýaşyl» zolaklar, welosiped ýodalary we jemgyýetçilik ulaglary soňky wagtda has-da gowlandyrylypdyr. Dar köçelerdäki garbanyşhanalar, kinoteatrlar, dürli reňkli jaýlar, üçekde ýerleşýän kofehanalar we geçirilýän halkara sport ýaryşlary (Awstraliýa Açyk tennis bäsleşigi we «Formula 1»



Awstraliýa Grand Prisi ýaly) şäheriň gymmatyny artdyrýar.

Ikinji ýeri eýelän Hytaýyň Şanhaý şäherinde dynç almak üçin dürli attraksionlar bolup, dünýä derejesindäki hyzmatlary bilen tanalýar. Birleşen Patyşalygyň Edinburg şäheri üçünji, London dördünji ýeri eýeläpdir. Bäşinji orna Nýu-Ýork mynasyp bolupdyr. Keýp-Taun (Günorta Afrika Respublikasy), Meksiko Siti (Meksika), Bangkok (Tailand), Seul (Koreýa Respublikasy) we Tokio (Ýaponiýa) ilkinji onluga giripdir.

# Ýewropanyň döredijі şäheri

Sloweniýanyň paýtagty Lýublýana «Döredijі syýahatçylyk baýragyny» gazandy. 13-nji gezek berilýän baýraklara 200-den gowrak şäher dalaşgär bolupdyr. Şäherde geçirilýän döredijilik çäreleri, ýerli sungat we çeperçilik işgärleriniň döredýän eserleri bilen tapawutlanypdyr. Şäheriň syýahatçylyk edarasy myhmanlary konsertlere, opera çykyşlaryna, tanslara tomaşa etmäge, sergileri, ussatlyk sapaklaryny synlamaga mümkinçilik berýän, her ýyl geçirilýän «LUV Fest» şüweleňine çagyrýar.



Soteska we Şişka atly etraplar şäheriň esasy medeni ojaklary hasaplanýar. Soteskada her ýylyň tomsunda aýdym-sazly çykyşlaryň, teatr oýunlarynyň we sergileriň geçirilýän «Open Resilience» festiwaly guralýar. Şişka bolsa ussahanalary, galereýasy, muzeý we beýleki medeni ojaklary bilen tanalýar.

«Ýewropanyň iň döredijі şäheri» adyny almak üçin bu ýyl 28 ýurtdan 223 şäher dalaşgär boldy. Ýeňiji halkara emin agzalary tarapyndan kesgitlenýär.

Mundan ozal Lýublýana edebiýat ugrundan ÝUNESKO-nyň döredijі şäherler toruna girizilip, Edebiýat şäheri adyna eýe bolupdy.

# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

## gysga setirlerde

**Madagaskaryň Prezidenti täze hökümet Başlygyny belledi.** Madagaskaryň geçiş döwri üçin Prezidenti Mikael Randrianirina ýurduň Premýer-ministri wezipesine Mamitianu Radzaunarisony belledi. 10-njy martda Herinsalamu Radzaunariwelunyň ýolbaşçylygyndaky Ministrler Kabineti öz işini bes edipdi. Radzaunarison öň Madagaskaryň Maliýe edarasyna ýolbaşçylyk etdi. Ol ýurtda 2025-nji ýylyň oktýabr aýynda Hökümet çalşandan soňra ikinji Premýer-ministr boldy.



**Elektroulag satuwy azaldy.** Ýylyň başyndan bäri dünýä bazarynda elektroulag satuwy azalýar. Geçen aý azalyş dowam edip, 11% bolupdyr. «Benchmark Mineral Intelligence» maslahat beriş kompaniýasynyň maglumatyna görä, ýylyň ilkinji iki aýynda jemi 2,2 million elektroulag satylypdyr. Pese gaçyşlyk, esasan, Hytaýda hasaba alnypdyr. Ýewropada bolsa, 2 aýda 21% ösüş hasaba alnyp, 600 müň töweregi ulag satylypdyr.



**Meşhur türk taryhçysy aradan çykdy.** Meşhur türk taryhçysy, professor Ilber Ortaýly 13-nji martda 78 ýaşynda aradan çykdy. 1947-nji ýylda Awstriýada dünýä inen Ortaýlynyň maşgalasy 1949-njy ýylda Stambula göçýär. Nemes dilli mekdepde orta bilim alan Ortaýly ýokary okuw mekdebinde rus dili mugallymy bolan ejesinden rusça öwrenýär. Wena, Berlin, Pariž, Prinston, Moskwa ýaly iri şäherlerdäki ýokary okuw mekdeplerinde işleýär. Ol nemes we rus dilleri bilen bir hatarda, akademik derejede fransuz, iňlis, italýan we pars dillerini bilýärdi.



**Nemes filosofy aradan çykdy.** Dünýä belli filosof, sosiolog we syýasatşynas Ýurgen Habermas 96 ýaşynda aradan çykdy. Nemes alymynyň öňe süren nazaryýetleri döwrebap pelsepäniň we sosiologiýanyň esaslary hökmünde kabul edildi. 1929-njy ýylda dünýä inen Habermas köp ýyllap, Frankfurt uniwersitetinde işledi.





Tebigy täsinlik

# BOLIWIÝANYŇ DUZ KÖLI

Boliwiýa tebigy gözelliklere baý ýurtlaryň biri hasaplanýar. Bu ýurtdaky Salar de Uýuni duz köli täsin ýerleriň biridir. 10 müň inedördül kilometrden gowrak meýdany eýeleýän duz köli deňiz derejesinden 3,6 metr beýiklikde ýerleşýär. Salar de Uýuni duz köli dünýädäki litiý gorlarynyň 70 göterimini öz içine alýar. Kölde, takmynan, 10 milliard tonna möçberinde, 8 metre çenli galyňlykda duz bar. Duz köli ýagyş möwsüminde bugaryp, howanyň ýüzünde ýalpyldaýan «aýna örtügi» emele getirýär. «Salar» ispan dilinde «duz düzlügi» diýmegi aňladýar. «Uýuni» aýmara dilinden gelip çykyp, «gap» diýen manyny berýär.



And daglarynyň golaýynda, Altiplano çöl düzlüginde ýerleşýän bu köl syýahatçylaryň iň köp barýan ýerleriniň biridir. Duzly kölüň üstünde gezelenç etmek, surata düşmek bu ýerdäki iň täsirli güýmenje hasaplanýar. Kölüň köp böleginde takyrlyga meňzeş, biri-birine sepleşýän altyburçluk duz oýtaklary bar. Gatap-guran duz gatlaklary kölüň üstünde ýöremäge we awtoulagly barmaga mümkinçilik berýär. Salar de Uýuni duz kölüniň golaýynda ullakan kaktuslaryň bitýän ýeri bolan Inkawasi adasy ýerleşýär. Adada boýy 10 metre çenli ýetýän kaktuslary görmek bolýar. Mundan başga-da, kölüň töwereginde duz myhmanhanasy we köne otly harabalygy bar. Duz kölüne her ýylyň noýabr aýynda flamingolar uçup gelip, «aýna düşelen meýdançada» owadan görnüşi emele getirýär.

Hünärmenleriň bellemegine görä, Salar de Uýuni gadymy Minçin kölüniň bir bölegi hasaplanýar. Ondan soňra täze köller (Paleo Tauka, Poopo, Uru-Uru, Salar de Koýpasa) döräp, olaryň bugarmagy we gurap duz gatlaklarynyň emele gelmegi bilen täze duzly köl peýda bolupdyr. Duzly köl «Güýz» (2006), «Duz we ot» (2016), «Görünmeýän» (2017) we «Ýyldyz söweşleri: Soňky Jedi» (2017) ýaly filmleriň surata düşürilen ýeri hökmünde tanalýar. Häzirki wagtda bu ýerde hiç hili zawod ýok. Kölden her ýyl 25 müň tonna golaý duz çykarylýar.

# Saç näme üçin agarýar?!

**Käte şar gara saçymyzyň arasynda ýekeje agaryp duranyny görýäris hem-de bada-bat goparmak kararyna gelýäris. Halk arasynda saçyň agyny goparmak onuň sanynyň has-da köpelmegine getirýär diýen gürrüňler bar. Eýsem, saç näme üçin agarýar?**

Saçyň her gün 50-100 töweregi tarynyň düşmegi adaty ýagdaý hasaplanýar. Emma saçyň agarmagy saçyň düşmegi bilen bagly ýagdaý bolman, munuň aýratyn sebäpleri bar. 28-40 ýaş aralygynda saçdaky pigmentleriň sany tebigy ýagdaýda azalyp ugraýar. Sebäbi melanin öndürýän öýjükler (melanosit) haýallap başlaýar we bu ýagdaý saçyň tebigy reňkini ýitirmegine sebäp bolýar. Şeýlelikde, melanin ýetmezçiliginde saçyň her ýerinde



ak ýa-da çal gyllar peýda bolýar. Saçyň ak gylyny goparmak kelle derisiniň öýjüklerine zeper ýetirip, saçyň beýleki ýerlerinde hem ak sapajyklaryň emele gelmegine sebäp bolýar.

Saçyň agarmagy, esasan, adamyň biologik gurluşy we genetikasy bilen bagly hasaplanýar. Şeýle hem gündelik aladalar we nerw dartgynlyklary saça reňk berýän pigmentlere zeper ýetirip, ak saçlaryň çalt köpelmegine täsir edýär. Saçyň agarmagynyň öňüni almak üçin kadaly iýmitlenmeli, gök önümlerdir miweleri, B, D witaminlere baý iýmitleri köpräk iýmeli we zyýanly endiklerden daşda durmaly.

Käbir ýagdaýda hili pes şampunyň ulanylmagy hem saçyň agarmagyna getirip bilýär. Şol sebäpli düzüminde kokos ýagy, bal, aloe we ösümlik goşundylary bolan tebigy şampunlary ulanmaly. Saçyňy ýuwanyňda, bir gezek şampunlamagy we ýzýany guratmagy endik etmeli.

# QR kod nädip ýüze çykdy?!

**Menýulardan başlap, onlaýn töleglere çenli köp ýerde ulanylýan QR kod tehnologiýanyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Durmuşy harajatlarda we töleg hyzmatlarynda ýeňillik döredýän bu ulgam ak-gara öýjüklerden ybarat. Smartfona dörtburç açarjygy tanatmak arkaly oturan ýeriňde ähli hyzmaty we söwdany ýerine ýetirip bolýar. Bu tehnologiýa hyzmaty birnäçe sekuntda harytlary onlaýn satyn almaga, web sahypa girmäge, gyzykly habarlar bilen tanyşmaga mümkinçilik berýär. Eýsem, QR kod haçan we näme sebäpden oýlanyp tapyldyka?!**

1990-njy ýyllara çenli bölek söwda we önümçilik pudagynda ştrih-kod tehnologiýasy ulanylýardy. Ýöň bolan ştrih-kodlar çäkli möçberde maglumat saklap we diňe bir ugurda okalyp bilýärdi. Şeýlelikde, bu çäklendirme sebäpli restoranlarda, myhmanhana hyzmatlarynda, onlaýn söwdada täze bir tehnologiýa zerurlyk duýuldy.

1994-nji ýylda Ýaponiýanyň «Denso Wave» tehnologiýa kompaniýasynyň hünärmenler topary QR kody işläp düzýärler. Ýapon kompaniýasynyň bu tehnologiýany ulanyşa girizmeginiň maksady awtoulag önümçiliginde ulanylýan bölek materiallary ibermegi çaltlandyrmak we has takyk yzarlamagy üpjün etmek bolupdyr. Awtoulag senagatynyň işini ýeňilleşdirmek üçin oýlanyp tapylan bu tehnologiýa hyzmaty «Çalt jogap» diýmegi aňladýar. Täze ulgam ştrih-kodlardan has köp maglumat saklap bilmegi we çalt okalmagy bilen tapawutlanypdyr. QR koduň esasy aýratynlygy maglumatlary keseligine we dikligine saklamak ukybydyr. Bu bolsa kiçijik bir dörtburç öýjükde müňlerçe nyşany (san, maglumat) saklamaga mümkinçilik berýär. Mundan başga-da, QR kodda ýalňyşlygy düzetmek aýratynlygy bardygy sebäpli, koduň bir bölegi zaýalanan (ýyrtylan) bolsa-da, ulgam maglumatlary okamagy dowam edip bilýär. Bu tehniki aýratynlyklar QR koduň beýleki pudaklarda hem gysga wagtyň içinde ulanylyşa girmegine getirýär.



«Denso Wave» kompaniýasy QR kod tehnologiýasynyň patentiniň eýesi bolsa-da, ony ulanmak üçin hiç hili ygtyýarnama tölegleriniň almady. Kompaniýa beýleki kompaniýalara we programma düzüjilere bu tehnologiýany erkin ulanmaga mümkinçilik berdi. Şol sebäpli bu ulgam bütin dünýäde meşhur boldy. Häzirki wagtda QR kod logistika we bölek söwdadan başlap, marketing, saglygy goraýyş ulgamlarynda hem ulanylýar. 2000-nji ýyllaryň başynda kameraly ykjam telefonlara QR kod okamak ukyby ornaşdyrylandan soň, bu tehnologiýa adamlaryň gündelik durmuşynyň bir bölegine öwrüldi.



# Çaganyň saglygynyň we ösüşiniň görkezijisi

**Bäbegiň ilkinji dişiniň çykmagy maşgalanyň iň şatlykly pursatlarynyň biri hasaplanýar. Hünärmenler süýt dişiniň ýarmagynyň çaganyň eňeginiň ösüşine, agyz boşlugynyň gurluşyna we sözleýşine täsir edýändigini belleýärler. Bäbegiň diş çykarýan döwri kyn geçse-de, ýylgyranynda 2-3 sany akja dişleriň görünmegi ähli aladany ýatdan çykarýar. Geçirilen soňky ylmy barlaglarda süýt dişleriniň çaganyň beden ösüşini we saglyk ýagdaýyny anyklamaga ýardam edýändigi ýüze çykaryldy.**

**Bilermenleriň pikiriçe, çaga heniz ene garnynda wagty, ýagny altynjy hepdede dişleriň köki emele gelip başlaýar. Üçünji we dördünji aýda dişleriň berk gurluşyny emele getirýän dokumalar ösýär. Seýrek ýagdaýda käbir çaga süýt dişine meňzeş kiçijik gurluşlar bilen hem doglup bilýär. «Dogulma dişleri» diýlip atlandyrylýan bu ösüntgiler süýt dişlerinden tapawutlanýar we iki aýyň içinde öz-özünden düşýär. Soňra olaryň ýerine hemişelik süýt dişleri çykýar.**

**HAÇAN DIŞ ÇYKÝAR?**

**Çagalarda diş çykarmak adatça 6-9 aý aralygynda başlaýar. Adatça, ilkinji bolup ýokary we aşaky alynky dişler çykýar. Çagalaryň köpüsinde iki ýaşyna çenli 20 süýt dişiniň hemmesi bolýar. Bu ýagdaý çagalaryň hemmesinde meňzeş däl. Iýmitleniş we saglyk ýagdaýyna görä, diş çykarmak wagty her çagada dürli-dürli bolýar. Käbir çaga has ir diş ýarsa, käbir çaga has giç hem diş çykyp bilýär. Mysal üçin, çagalar 15 aýlykdan soň hem diş çykyp bilýär.**

**SÜÝT DIŞINIŇ ÄHMIÝETI**

**Süýt dişleri çaganyň diňe iýmitlenmegi däl, eýsem, dogry geplemegi üçin hem möhümdir. Esasan hem, alynky dişler «t», «d» ýaly käbir harpy dogry aýtmaga ýardam edýär. Hünärmenler çaganyň dogry geplemegi üçin süýt dişlerine ideg edilmelidigini belleýärler. Çaganyň dişini ýumşak çotgajyk bilen süpürmek, şekerli iýmitleri bermekden saklanmak we rezin emzikleriň ulanylyşyny çäklendirmek süýt dişiniň kadaly ösmegi üçin zerur şertler hasaplanýar. Süýt dişleri 6 ýaşda düşüp başlaýar we hemişelik uly dişler çykýar. Şol sebäpli çagalara 3 ýaşyndan başlap dişini ýuwmagy öwretmeli we endik etdirmeli.**

# «Real Madrid» ýene-de «Mançester Sitini» ýaryşdan çykardy

**UEFA Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň jogap duşuşyklarynyň 4-si geçirilip, 2 iňlis topary üçin ýaryş tamamlandy.**






Bir hepde ozal Madridde jogapsyz 3 gol geçirden «Mançester Siti» öz meýdançasynda-da «Realdan» 2–1 hasabynda asgyn geldi. Angliýadaky oýnuň 20-nji minutynda "Mançester Sitiniň" portugaliýaly oýunçysy Bernardo Silwa derwezäniň sütüniniň düýbünde topa tirsegi bilen galtaşany üçin gyzyl kart aldy. Eminiň bellän 11 metrlik jerime urgusyny bolsa Winisius Junior dürs urup, madridlileri öňe saýlady. Bu gola iňlis kluby 41-nji minutda Erling Holannyň goly bilen jogap berse-de, Winisius 90+3-nji minutda ýene bir ýola tapawutlanyp, oýna soňky nokady goýdy. «Real Madrid» soňky 5 möwsümde «Mançester Sitini» 4-nji gezek ýaryşdan çykardy.

**«Arsenal» dowam eder, «Çelsi» öýünde galar**

Agşamyň 4 duşuşygynyň 3-si Angliýada geçirilip, şolaryň 2-si Londonda oýnaldy. 1-nji oýunda deňme-deň (1–1) oýnan «Arsenal» öz meýdançasynda «Baýeri» Ebereçi Ezeniň (36) hem-de Deklan Raýsyň (63) gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňip, çärýek finala çykdy.



Parižde soňky minutlarda geçirden gollary esasynda PSŽ-den 3 gol aratapawut bilen utulan «Çelsi» öz meýdançasynda hem şonça aratapawut bilen asgyn geldi. Londonda 3–0 hasabynda ýeňiş gazanan PSŽ-niň gollaryny 6-njy minutda Kwarasheliýa, 14-nji minutda Barkola hem-de 62-nji minutda Maýulu geçirdi. Soňky çempion 2 oýnuň netijesi boýunça 8–2 hasabynda üstün çykyp, çärýek finalda oýnamaga hukuk gazandy. «Çelsi» 2 oýnuň netijesi boýunça iň uly 3-nji aratapawut bilen utulan iňlis kluby boldy.

**«Sportingiň» taryhy kembegi**

Bu ýaryşa ilkinji gezek gatnaşyp, çärýek finalyň bosagasyna çenli gelen Norwegiýanyň «Bude-Glimt» toparyna adyny iň gowy 8 toparyň hataryna goşmak başartmady. Öz meýdançasynda «Sportingi» 3–0 hasabynda ýeňen «Bude-Glimt» Lissabonda esasy wagtda şonça gol geçirtdi. Goşmaça wagtda-da ýene 2 gol geçirden «Bude-Glimt» 5–0 hasabynda asgyn gelip, ýaryş bilen hoşlaşdy. «Bude-Glimt» 29 ýyldan soň çärýek finala çykan ilkinji norweg kluby bolmaga golaýlapdy. Taryhy kembek bilen «Sportingi» çärýek finala çykaran gollary esasy wagtda Inasio, Gonsalweş, Luiz Suares, goşmaça wagtda-da Arauho bilen Nel geçirdi.

Şunlukda, «Sporting» 43 ýyldan soň bu ýaryşda çärýek finalda oýnar. «Sporting» toparynyň çärýek finaldaky garşydaşy «Arsenal» bolar.

**SPORTING — BUDE-GLIMT: 5–0 G.W. (0–3)**
/Inasio 34, Gonsalweş 61, Luiz Suares 78 p, Arauho 92, Nel 120+1/
**ARSENAL — BAÝER: 2–0 (1–1)**
/Ebereçi Eze 36, Raýs 63/
**ÇELSI — PARI SEN-ŽERMEN: 0–3 (2–5)**
/Kwarasheliýa 6, Barkola 14, Maýulu 62/
**MANÇESTER SITI — REAL MADRID: 1–2 (0–3)**
/Holann 41 — Winisius Junior 22 p, 90+3/

## «Indian Wells» ýaryşynyň täze çempiony



Tennis boýunça ABŞ-da geçirilen «Indian Wells Masters» ýaryşynda erkekleriň arasynda italiýaly Ýannik Sinner ýeňiji boldy. ATP sanawynyň 2-nji belgili tennisçisi Sinner finalda russiýaly Daniil Medwedewi 2 setde-de taý-brek bilen ýeňmegi başardy (7:6, 7:6). 1-nji setiň taý-bregi 8:6, 2-nji setiň taý-bregi-de 7:4 hasabynda tamamlandy. Bu Sinneriň 25-nji ATP çempionlygy bolup, ol 6-njy gezek «Masters» ýaryşlarynyň ýeňijisi boldy. Sinner ýarym finalda germaniýaly Aleksander Zwerewi 6:2, 6:4 hasaplar bilen ýeňipdi. Medwedew bolsa sanawyň 1-nji belgilisi Karlos Alkarasdan 6:3, 7:6 hasaplar esasynda üstün çykdy.

## 3-nji synanyşygynda kubogy gazandy



Zenanlaryň arasyndaky finalda sanawyň 2-nji belgilisi Aryna Sabalenka bilen 2-nji basgançakdaky gazagystanly Ýelena Rybakina duşuşdy. 1-nji setde gazagystanly Rybakina 6:3 hasabynda ýeňiş gazandy. 2-nji set hem şol hasap bilen, ýöne Sabalenkanyň peýdasyna tamamlandy. 3-nji setde taý-brek ýeňijini kesgitläp (7:6), taý-brekde 8:6 hasabynda üstün çykan Sabalenka ýeňşini baýram etdi. Bu onuň «Masters» ýaryşlaryndaky 10-njy, umumylykda bolsa 23-nji WTA çempionlygydyr. Sabalenka «Indian Wells» ýaryşynda 2023-nji ýyldaky finalda Ýelena Rybakinadan, 2025-nji ýylda bolsa russiýaly Mirra Andreýewadan asgyn gelipdi.

# Ýewropa hem-de Konferensiýa Ligalarynda 1-nji duşuşyklaryň netijeleri



**UEFA Ýewropa Ligasynda 1/8 finalyň 1-nji oýunlary geçirildi. Kiçi hasaply ýeňişleriň bellige alnan agşamynda 3 topar myhmançylykda ýeňiş gazandy.**

Şolaryň biri-de «Porto» topary bolup, portugal kluby Germaniýada «Ştutgarty» Moffi we Moranyň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňdi. Germaniýanyň başga bir wekili «Fraýburg» hem myhmançylykda «Genkden» 1–0 hasabynda asgyn geldi. «Selta Wigo» bilen «Lion» toparlary Rueda hem-de Endrigiň gollary esasynda 1–1 deňme-deň oýnady.



Italýan derbisinde ýeňiş gazanan bolman, «Bolonýa» bilen «Romanyň» arasyndaky 1-nji duşuşyk 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy.

Ýewrokuboklarda şu tapgyrda ýeňiş gazanan ýeke-täk iňlis kluby bolan «Aston Willa» myhmançylykda «Lill» toparyny Olli Watkinsiň 61-nji minutda geçiren goly bilen ýeňlişe sezewar etdi.

**FERENSWAROŞ — BRAGA: 2–0** /Kaniçowski 32, Josef 69/, **PANATINAIKOS — BETIS: 1–0** /Taborda 88 p/, **GENK — FRAÝBURG: 1–0** /El Wahdi 24/, **SELTA — LION: 1–1** /Rueda 25 — Endrik 87/, **ŞTUTGART – PORTO: 1–2** /Undaw 40 — Moffi 21, Mora 27/, **NOTTINGAM FOREST — MIDTÝULLANN: 0–1** /Ço Gue-sun 80/, **BOLONÝA — ROMA: 1–1** /*Bernardeski 50 — Pellegrini 71*/, **LILL — ASTON WILLA: 0–1** /*Watkins 61*/

UEFA Konferensiýa Ligasynda-da 1/8 finalyň 1-nji duşuşyklary oýnalyp, ýaryşyň favoritlerinden «Şahtýor Donesk» topary myhmançylykda Polşanyň «Leh Poznan» toparyny 3–1 hasabynda utdy. Ukrain klubunyň gollaryny Marlon Gomes, Newerton hem-de Isak geçirdi. Gresiýanyň paýtagty Afinynyň AEK topary myhmançylykda Sloweniýanyň «Selýe» toparyndan 4–0 hasabynda üstün çykyp, çärýek finalyň bosagasyndan ilkinji ädimi ätdi. Çempionlygyň başga bir dalaşgäri, bu ýaryşda 2 gezek finala çykan «Fiorentina» topary öz meýdançasynda Polşanyň «Rakuw» toparyny 90-njy minutdan soň 11 metrlik jerime urgusyndan geçirilen gol bilen ýeňmegi başardy.

**LEH POZNAN — ŞAHTÝOR DONESK: 1–3** /*Ishak 70 — Marlon Gomes 36, Newerton 48, Isak 85*/, **AZ ALKMAAR — SPARTA PRAGA: 2–1** /*Parrott 29, 87 — Woýta 50*/, **K. PALAS — AEK LARNAKA: 0–0, FIORENTINA — RAKUW: 2–1** /*Ndur 62, Gudmundsson 90+3 p — Brunes 60*/, **SAMSUNSPOR — R. WALLEKANO: 1–3** /*Muandilmaji 21 — Alemao 15, 78, Garsiýa 40*/, **SELÝE — AEK AFINY: 0–4** /*Warga 3, Koita 33, Gaçinowiç 36, Mukodi 49*/, **SIGMA OLOMOUS — MAÝNS: 0–0, RIÝEKA — STRASBUR: 0–1** /*Maýstrowiç 76 — Paniçelli 2, Godo 72*/




| |
|---|
| **20-nji mart (anna)** |
| Kaliari – Napoli (22:30) |
| **Leipsig – Hoffenhaým (00:30)** |
| **Bornmut – M. Ýunaýted (01:00)** |
| **Wilýarreal – R. Sosiedad (01:00)** |
| **21-nji mart (şenbe)** |
| **Braýton – Liwerpul (17:30)** |
| Haýdenhaým – Baýer (19:30) |
| Bawariýa – Union Berlin (19:30) |
| Milan – Torino (22:00) |
| **Ewerton – Çelsi (22:30)** |
| Borussiýa D – Hamburg (22:30) |
| Ýuwentus – Sassuolo (00:45) |
| Lids – Brentford (01:00) |
| Nissa – PSŽ (01:00) |
| **22-nji mart (ýekşenbe)** |
| **Barselona – R. Wallekano (18:00)** |
| Dinamo – Zenit (18:00) |
| **Feyenoord – Aýaks (18:30)** |
| **Lion – Monako (19:00)** |
| Aston Willa – West Ham (19:15) |
| Tottenham – N. Forest (19:15) |
| Marsel – Lill (21:15) |
| **Arsenal – Man. Siti (final, 21:30)** |
| Roma – Leçce (22:00) |
| **Fiorentina – Inter (00:45)** |
| **Real Madrid – Atletiko (01:00)** |
| Braga – Porto (01:30) |

## F1-de ýeňiş gazanan iň ýaş 2-nji sürüji

F1 boýunça möwsümiň 2-nji ýaryşy Hytaýyň Şanhaý şäherinde geçirildi. 56 aýlawdan ybarat bolan ýaryşda «Mercedes» toparynyň italýan piloty Kimi Antonelli ýeňiş gazandy. Ol ilkinji hatardan başlan ýaryşynda bellenen aralygy 1 sagat 33 minut 15,607 sekuntda tamamlap, karýerasyndaky ilkinji ýeňşini baýram etdi. 19 ýaşyndaky Antonelli F1-de 20 ýyldan soň ýeňiş gazanan ilkinji italiýaly sürüji boldy. Soňky gezek 2006-njy ýylda italiýaly Jankarlo Fisikella ýeňiş gazanypdy. Antonelli F1-iň taryhynda ilkinji hatardan bat alan iň ýaş sürüji, şeýle-de Maks Werstappenden soň ýeňiş gazanan iň ýaş 2-nji sürüji hökmünde hasaba alyndy.



Hytaý «Gran Prisinde» Antonelliden soň 2-nji orny onuň britaniýaly topardaşy Jorj Rassell eýeläp, ol ýeňijiden 5,515 sekunt yza galdy. Ýaryşda «Ferrari» toparynyň sürüjileri-de erjel çykyş edip, britaniýaly Lýuwis Hamilton 3-nji, monakoly Şarl Lekler 4-nji orna mynasyp boldy. Hamilton «Ferrari» topary bilen ilkinji gezek münbere çykmagy başardy.

«McLaren» toparynyň sürüjileri Lando Norris bilen Oskar Piastriniň tehniki näsazlyk sebäpli gatnaşyp bilmedik ýaryşynda «Red Bull» toparyndan Maks Werstappene, jemi 7 sürüjä bäsleşigi tamamlamak başartmady.

Täze möwsümiň ilkinji 2 ýaryşyndan soň, Rasselliň 51, Antonelliniň 47, Lekleriň 34, Hamiltonyň 33 utugy bar. Möwsümiň 3-nji ýaryşy 29-njy martda Ýaponiýada geçiriler.



## Ýaponiýaly sürüjiniň ilkinji birinjiligi

Dünýä Ralli çempionatynyň 3-nji ýaryşy Keniýanyň paýtagty Nairobide geçirilip, Safari ralli bäsleşiginde «Toyota Gazoo Racing» toparynyň ýapon sürüjisi Takamoto Katsuta ýeňiş gazandy. Karýerasyndaky ilkinji ýeňşini gazanan Katsuta 350,52 kilometr aralygy 3 sagat 16 minut 5,6 sekuntda tamamlamagy başardy. Ýeňijiden 27,4 sekunt yza galan «Hyundai Shell Mobis» toparynyň fransuz sürüjisi Adrien Furmo 2-nji, «Toyota Gazoo Racing» toparynyň başga bir sürüjisi, finlýandiýaly Sami Paýari 3-nji orna mynasyp boldy.

Geçirilen 3 ýaryşdan soň «Toyota Gazoo Racing» toparynyň sürüjileri sanawda öňdeligi eýeläp gelýär. Britaniýaly Elfin Ewansyň 66, şwesiýaly Oliwer Solbergiň 58, ýaponiýaly Takamoto Katsutanyň 55 utugy bar. Möwsümiň 4-nji ýaryşy 9-12-nji aprel aralygynda Horwatiýada geçiriler.



## Dünýä rekordyny 15-nji gezek täzeledi

Şwesiýaly ýeňil atletikaçy, syrykly bökmegiň ägirdi Armand Duplantis 15-nji gezek Dünýä rekordyny täzeledi. Olimpiýa oýunlarynyň 2 gezek çempiony Duplantis Şwesiýanyň Uppsala şäherinde geçirilen gala görnüşdäki «Mondo Classic» bäsleşiginde, üsti ýapyk desgada 6,31 metr beýiklige syrykly böküp, özüne degişli rekordy ýokarlandyrdy. Bu onuň şu ýylky ilkinji, karýerasy boýunça-da 15-nji Dünýä rekordy boldy.

Tokio hem-de Pariž Olimpiadalarynyň çempiony, 26 ýaşyndaky Duplantis mundan öňki rekordyny geçen ýylyň sentýabr aýynda 6,30 metr beýiklige böküp täzeläpdi.

Dünýäniň hem-de Ýewropanyň 3 gezek çempiony Duplantis geçen ýyl öz rekordyny 4 gezek täzelemegi başardy.

## SUNGAT

# 98-nji OSKAR BAÝRAKLARY GOWŞURYLDY

**Kino sungatynyň iň uly sylagy bolan Oskar baýraklarynyň 98-nji gowşuryluş dabarasy geçirildi. Los Anjelesdäki «Dolby» teatrynda geçirilen dabarany Konan O'Braýan alyp bardy.**






**«Uruş üstüne uruş» – Oskaryň hem ýeňijisi**

3 sagat 45 minutlap dowam eden dabarada iň gowy film diýlip, «Uruş üstüne uruş» kinosy saýlandy. Filmi surata düşüren, şol bir wagtyň özünde prodýuseri hem bolan Pol Tomas Anderson iň gowy režissýor, iň gowy adaptirlenen ssenariý ugurlarynda-da Oskar heýkeljiklerini eýelemegi başardy. 55 ýaşyndaky režissýor dabarada 3 heýkeljik gazandy. Geçen ýyl «Anora» filminiň režissýory Şon Beýker dabaradan 4 heýkeljik bilen öýüne dolanypdy.

Dabaranyň iň köp baýrak gazanan filmi «Uruş üstüne uruş» 6 ugurdan Oskaryň eýesi boldy. 13 ugurdan dalaşgär görkezilen film ýokarda agzalan baýraklardan başga-da, ikinji plandaky iň gowy aktýor (Şon Penn), ilkinji gezek gowşurylan iň gowy kasting (Kassandra Kulukundis) hem-de iň gowy montaž (Endi Ýurgensen) ugurlary boýunça-da ýeňiş gazandy. Dürli sebäplere görä dabara gatnaşmadyk Şon Penn 3-nji Oskar heýkeljigine mynasyp boldy. Ol 2002-nji ýylda «Syrly derýa», 2012-nji ýylda-da «Milk» filmlerindäki keşpleri üçin iň gowy aktýor baýragyny gazanypdy. Şon Penn 3 Oskary bolan 8-nji artist hökmünde hasaba alyndy.

**16 dalaşgärligiň 4-sinde öňe saýlandy**

98-nji Oskar baýraklarynda 16 ugurdan dalaşgär görkezilip, taryhy rekord goýan «Günäkärler» filmi dabaranyň iň köp heýkeljik toplan 2-nji kinosy boldy. 4 baýrak gazanan filmde 2 keşbi ýerine ýetiren Maýkl B. Jordan iň gowy aktýor diýlip saýlandy. Filmiň režissýory Raýan Kugler iň gowy asyl ssenariý baýragy bilen sylaglandy.

Filmde ýaňlanýan sazlary döreden şwesiýaly kompozitor Ludwig Goransson iň gowy saz baýragyna laýyk görüldi. Bu onuň «Gara Pantera» hem-de «Oppenhaýmer» filmlerinden soň 3-nji Oskary boldy.



Şeýle-de, «Günäkärler» filminiň operatory Otumn Durald Arkapaw iň gowy operator baýragy bilen sylaglandy. Ol bu baýragy gazanan ilkinji zenan hökmünde Oskaryň taryhyna girdi.

**Möwsümi Oskar bilen jemledi**

Iň gowy aktrisa baýragyna garaşylyşy ýaly «Hamnet» filmindäki keşbi üçin Jessika Bakli mynasyp görüldi. Ol ähli guramalara degişli iň gowy aktrisa baýragyny gazanyp gelýärdi we olaryň üstüni Oskar heýkeljigi bilen ýetirdi. Golaýda ene bolan Bakliniň enäniň keşbini ýerine ýetirip, Oskar baýragyna ýetmegi aýratyn bellärliklidir. Jessika Bakli iň gowy aktrisa ugry boýunça Oskar gazanan ilkinji irlandiýalydyr.

Ikinji plandaky iň gowy aktrisa baýragy-da «Ýaraglar» filmindäki keşbi üçin Emi Madisona berildi. Amerikaly aktrisa bu ugurda 40 ýyl ozalam Oskara dalaşgär görkezilipdi. Ol bu ugurda iki dalaşgärliginiň arasy iň uzak aktrisa hökmünde hasaba alnypdy. «Frankenşteýn» filmi bezeg we makiýaž ugurlaryndaky 3 baýragy hem gazanmagy başardy. Ýagny film iň gowy çeperçilik bezegi (Tamara Dewerell, Şeýn Weau), iň gowy grim (Keýt Hawli) hem-de iň gowy makiýaž we saç bezegi (Maýk Hill, Jordan Samuell, Kliona Furi) baýraklaryna mynasyp boldy.

«Netflix»-iň önümi bolan «K-Pop şeýtan awçysy» multfilmi iň gowy animasiýa diýlip saýlandy. Bu ekran eserindäki «Golden» atly aýdym bolsa iň gowy aýdym baýragyna laýyk görüldi.

Norwegiýaly režissýor Ýoahim Trieriň surata düşüren «Duýguçyllygyň gymmaty» atly ekran eseri iň gowy halkara film diýlip saýlandy. Ol bu ugurda Oskara laýyk görlen ilkinji norweg filmi hökmünde hasaba alyndy.

«Awatar: alaw we kül» iň gowy wizual effektler, «F1» kinosy-da iň gowy ses baýragy ugurlarynda ýeňiji diýlip yglan edildi.

«P-niň garşysyna jenap hiç kim» atly ekran eseri iň gowy dokumental film, «Ähli boş otaglar» iň gowy gysga göwrümli dokumental film, «Göwher gözýaşly gyz» iň gowy gysga göwrümli animasiýa ugurlary boýunça Oskara mynasyp boldy. «Aýdymçylar» hem-de «Iki näsag ynsan» atly ekran eserleri iň gowy gysga göwrümli film baýragyny paýlaşdylar. Şunlukda, Oskaryň taryhynda bir baýrak 7-nji gezek paýlaşyldy.

9 ugurdan dalaşgär görkezilen «Ussat Marti» filmi ýeke baýrak hem gazanyp bilmedi. Ol BAFTA-da hem 11 ugurdan dalaşgär görkezilse-de, dabaradan boş gaýdypdy.

***98-nji Oskar baýraklarynyň ýeňijileri:***

**IŇ GOWY FILM:**
«Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another)
**IŇ GOWY REŽISSÝOR:**
Pol Tomas Anderson – «Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another)
**IŇ GOWY AKTÝOR:**
Maýkl B. Jordan – «Günäkärler» (Sinners)
**IŇ GOWY AKTRISA:**
Jessi Bakli – «Hamnet» (Hamnet)
**IKINJI PLANDAKY IŇ GOWY AKTÝOR:**
Şon Penn – «Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another)
**IKINJI PLANDAKY IŇ GOWY AKTRISA:**
Emi Medison – «Ýaraglar» (Weapons)
**IŇ GOWY ADAPTIRLENEN SSENARIÝ:**
Pol Tomas Anderson – «Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another)
**IŇ GOWY ASYL SSENARIÝ:**
Raýan Kugler – «Günäkärler» (Sinners)
**IŇ GOWY ANIMASIÝA:** «K-Pop şeýtan awçylary» (KPop Demon Hunters)
**IŇ GOWY HALKARA FILM:** «Duýguçyllygyň gymmaty» (Affeksjonsverdi) — Ýoahim Trier (Norwegiýa)
**IŇ GOWY SAZ:**
«Günäkärler» (Sinners) – Ludwig Goransson
**IŇ GOWY AÝDYM:** «Golden» – «K-Pop şeýtan awçylary» (KPop Demon Hunters) — Ejae, Mark Sonnenblik, 24, Ido, Teddi, Iýn Eisendrat
**IŇ GOWY SES:** «F1» (F1) – G. Jon, A. Nelson, G.Ý. Wittl, G.A. Rizzo, H. Peralta
**IŇ GOWY KASTING:**
«Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another) – Kassandra Kulukundis
**IŇ GOWY OPERATOR:** «Günäkärler» (Sinners) – Otumn Durald Arkapaw
**IŇ GOWY ÇEPERÇILIK BEZEGI:**
«Frankenşteýn» (Frankenstein) – Tamara Dewerell, Şeýn Wieau
**IŇ GOWY MAKIÝAŽ WE SAÇ BEZEGI:**
«Frankenşteýn» (Frankenstein) – M. Hill, J. Samuel, K. Furi
**IŇ GOWY GRIM:**
«Frankenşteýn» (Frankenstein) – Keýt Hawli
**IŇ GOWY MONTAŽ:**
«Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another) – Endi Ýorgensen
**IŇ GOWY WIZUAL EFFEKTLER:**
«Awatar: alaw we kül» (Avatar: Fire and Ash) – J. Letteri, R. Beneham, E. Saindon, D. Barrett
**IŇ GOWY DOKUMENTAL FILM:**
«P-niň garşysyna jenap hiç kim» (Mr Nobody Against P.) – D. Borenştein, P. Talankin, H. Faber, A. Karaskowa
**IŇ GOWY GYSGA DOKUMENTAL FILM:**
«Ähli boş otaglar» (All the Empty Rooms) – Joşua Seftel, Konall Jons
**IŇ GOWY GYSGA FILM:** «Aýdymçylar» (The Singers) – Säm A. Dewis, Jäk Piatt, «Iki näsag ynsan» (Deux personnes echangeant de la salive) – Aleksandre Sinh, Natali Musteata
**IŇ GOWY GYSGA ANIMASIÝA:**
«Göwher gözýaşly gyz» (The Girl Who Cried Pearls) – Kris Lawis, Maçiek Szerbowski



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# BAÝRAMLARYŇYZ GUTLY BOLSUN!

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we mähriban halkymyzy Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Mähriban Watanymyzyň gülläp ösmegini we halkymyzyň bagtyýar ýaşaýşyny üpjün etmäge gönükdirilen, çuňňur pähim-paýhasa, belent ynsanperwerlige ýugrulan, uzak geljegi nazarlaýan adyl syýasatyňyz netijesinde, eziz Diýarymyz halkara derejesinde parahatçylygy we ynsanperwerligi berkitmäge işjeň gatnaşýan ýurt hökmünde dünýä ykrarnamasyna eýe boldy. Çuňňur ruhy pelsepesi, gaýtalanmajak gözelligi hem-de many-mazmuny bilen tapawutlanýan Nowruz hoşniýetli goňşuçylyk we özara hormat goýmak däplerini pugtalandyrmaga ýardam edip, halklaryň mizemez gymmatlyklarynyň umumylygyny alamatlandyrýar. Özüniň köpöwüşginliligi we hoşboýlygy bilen gözelligiň, täzelenişiň hem-de tebigatyň galkynmagynyň nyşany bolan Nowruz güni Siziň alyp barýan syýasatyňyza kybapdaşlygy bilen hasam gözeldir!

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi halkymyzyň belent ruhuny, bitewüligini, gözel tebigatymyzyň ajaýyplygyny alamatlandyrýan, parahatçylygy, dostlugy, hoşniýetliligi we ynsanperwerligi dabaralandyrýan Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen ýene-de bir gezek mähirli gutlaýarys! Ata Watanymyzyň gülläp ösmegi, halkymyzyň abadan we eşretli durmuşy, bagtyýar geljegi ugrunda alyp barýan tutumly işleriňizde Size berk jan saglyk we uzak ömür, egsilmez gujur-gaýrat hem-de rowaçlyk arzuw edýäris!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«NUR BINA GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

---

“Dost gurluşyk, söwda, önümçilik” H.J.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda toý lybasyna beslenip gelen Milli bahar baýramy bolan Halkara Nowruz güni mynasybetli, «Dost gurluşyk, söwda, önümçilik» hojalyk jemgyýetiniň agzybir işgärleriniň adyndan mähirli gutlaýarys!

**Belent mertebeli Prezidentimiz!** Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzy eşretli hem-de bolelin ýaşatmak üçin alyp barýan täze başlangyçlaryňyz rowaç alsyn!

Nowruz baýramy Galkynyşyň, ösüşiň we gülleýşiň, şeýle hem täzelenişiň baýramy bolmak bilen, halklaryň arasynda parahatçylygy, agzybirligi, ynanyşmagy kemala getirýär. Hoşniýetli goňşuçylyk, özara bähbitli gatnaşyklar, birek-birege ynam Nowruz baýramynyň esasy ýörelgeleri bolup, taryhy kökleri asyrlaryň jümmüşine uzap gidýär. Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanda agzybir halkymyzyň bagtyýar durmuşynyň we taryhy hem-de medeni-ynsanperwer ýörelgeleriň rowaçlanmagynyň baýramy hökmünde uludan toýlanylýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Halkymyzyň bagtyýar ýaşaýşy, ýagty geljegi hem-de eşretli durmuşy ugrunda alyp barýan bimöçber işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris! Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, il-ýurt bähbitli alyp barýan işleriňiz rowaç bolsun!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DOST GURLUŞYK, SÖWDA, ÖNÜMÇILIK» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

---



## Ýagyş ýagara geldi, heýjanelek, ýaz geldi

Geografik şertlere we pasyllara laýyklykda, ygalyň dürli görnüşi Ýer ýüzüne düşýär. Has sowuk günler gar ýagýan bolsa, howanyň salkynlamagy bilen, ýagyş möwsümi başlanýar. Ýagyş ygalyň iň köp ýagýan görnüşi bolup, dag eteklerindäki, sähralyklardaky otlaryň bitmegine, derýalaryň we howdanlaryň suwdan dolmagyna şert döredýär. Ýagyş diňe bir ösümlikler däl, adamlar we janly-jandarlar üçin hem möhümdir. Ýagyş ýaganda howa arassalanyp, adamlarda şatlykly duýgular döreýär.

Bilermenler ýagyş ýaganda peýda bolýan ýakymly ysyň adam bedenine we aňyna köşeşdiriji täsir edýändigini anykladylar. Ýagyş ýaganda we ýagyş diňenden soň daşarda gezelenç etmegiň, ýagşyň ysyndan dem almagyň saglyk üçin peýdalydygy bellenilýär.

Ýagyş damjalary howadaky tozanly bölejikleri özüne çekýär. Bilermenler ýagşyň ýagmagynyň howadaky hapalaryň azalmagyna uly peýdasynyň bardygyny belleýärler.

Jybarlap ýagýan ýagyşly howada ýöremek aladalary we stresi azaltmaga ýardam edýär. Bilermenler az wagtlyk hem bolsa, ýagyşly howada gezelenç etmegi maslahat berýärler. Ýöne gezelenje çykmazdan öň howa şertine laýyklykda geýinmegi, saýawan almagy ýatdan çykarmaly däl.

Ýagyş ösümlikleriň we janly-jandarlaryň ýaşaýşy üçin möhümdir. Ýagyn çeşmeleri we derýalary süýji suw bilen üpjün edip, ýaşyl ekoulgamy emele getirýär.

Dünýäniň birnäçe ýurdunda ýagyş suwy içimlik suwy hökmünde ulanylýar, oba hojalygynda peýdalanylýar.

Kolumbiýa, Panama, Papua-Täze Gwineýa, Kosta-Rika, Malaýziýa, Indoneziýa we Solomon adalary iň köp ýagyş ýagýan ýerler bolup, Kibdo, Mawsinram, Buenawentura, Monrowiýa ýagyşly şäherler hasaplanýar. Ýagyş damjalary 0,5 millimetrden 6-7 millimetre çenli ululykda bolup bilýär. Ýagyn 200 metr belentlikden ýokardaky bulutlardan ýagýar. Ýagyş damjalarynyň tizligi sagatda ortaça 8-10 kilometr tizlikde bolup, 2-5 minutda Ýere gelip ýetýär.

---



## BUÝRA SAÇLY GUŞ

Amazonka tokaýlary özüniň ösümlik we haýwanat dünýäsi bilen köpleri haýran galdyrýar. Günorta Amerikada ýerleşýän ägirt uly ýaşyl meýdanda janly-jandarlaryň, şeýle hem guşlaryň müňden gowrak görnüşi duş gelýär. Amazon tokaýynda totularyň, bürgütleriň we owadan sesli kiçijik guşlaryň täsin görnüşleri ýaşaýar. Şeýle guşlaryň biri hem buýra saçly arasari (Pteroglossus beauharnaesii) hasaplanýar. Tukanlar maşgalasyna degişli bolan kiçijik guş Amazon basseýninde (Braziliýa, Boliwiýa, Peru) ýaşaýar. Bu guşuň esasy aýratynlygy onuň kellesindäki buýra saçlarydyr. Arasariniň plastika meňzeş garamtyl burma tüýleri ony göýä gözellik salonyndan çykana meňzedýär.

Buýra saçly guşlaryň döşi sarymtyl, arkasy gyzyl, ganaty we guýrugy garamtyl reňkde bolýar. Banana meňzeş uly çüňki bolan bu guşuň göwresiniň uzynlygy 40-46 santimetre, agramy 160-280 grama ýetýär. Owadan guşlar tropik tokaýda topar bolup ýaşaýarlar. Her toparda 3-12 guş bolýar. Esasy iýmiti miwe bolan bu guşlar käte mör-möjek, ýumurtga we kiçijik süýrenijileri hem iýýärler. Kiçijik tukanlar 18 ýyla çenli ýaşaýarlar. Arasari totular ýaly gepläp bilmeýär, «rrek», «grenk» ýaly sesleri çykaryp, biri-biri bilen habarlaşýarlar.

Ilkinji gezek 1831-nji ýylda nemes tebigaty öwrenijisi Iogann Georg Wagler tarapyndan köpçülige mälim edilen buýra saçly arasari 2020-nji ýylda aýratyn görnüş hökmünde ykrar edildi. Tukanlar maşgalasynyň kiçijik wekili ýaşaýan ýeriniň giňdigine garamazdan, sany azalýan guşlaryň hataryna girýär. Bu guşlar Perudaky Tambopata milli goraghanasynda ýörite idedilýär.

---

## Ýazky dynç alşy gyzykly we peýdaly geçiriň!

- Ýaz paslynda çyglylygyň güýçlenýändigi sebäpli, suw geçirmeýän aýakgaplary we egin-eşikleri geýmeli. Ýagşyň aşagynda köp gezmekden saklanmaly. Ýaz paslynda mör-möjekleriň oýanyp, işjeňliginiň artýandygy üçin ýapyk egin-eşikleri geýmäge üns bermeli.
- Ýaz paslynyň iň gowy güýmenjeleriniň biri hem kömelek çöplemekdir. Kömelek çöplemegi hemmäňiz gowy görýän bolsaňyz gerek. Emma tebigatda zäherli we ýaramsyz kömelekleriň bardygy sebäpli, öňüňden çykanyny almakdan saklanmaly. Şeýle hem kömelek çöplenýän wagty onuň düýbünde mör-möjekleriň bukulýandygyny hem ünsden düşürmeli däl. Şol sebäpli ilki taýajyk bilen kömelegi eýläk-beýläk yrgyldatmaly, soňra sebede salmaly.
- Meýdana çykylanda güllerden çemen bogmagy hem köpiňiz halaýansyňyz. Emma käbir güllerdir ösümlikler zäherlenmä ýa-da allergiýa sebäp bolup biler. Şonuň üçin gül ýyganyňyzda ululardan kömek soramagy we ösümlikleriň atlaryny öwrenmegi ýatdan çykarmaň! Meýdana gezelenje gidilende, zäherli mör-möjekdir ot-çöpleri ellemekden gaça durmaly.



- Ýaz paslynda ýyldyrymyň köp çakýandygy sebäpli, batbörek uçurmagy wagtlaýynça çäklendirmeli. Muňa derek ulag serişdeleriniň hereketi bolmadyk ýerlerde dostlaryňyz bilen welosipedli, samokatly gezelençleri gurap bilersiňiz. Şeýle hem köpçülikleýin oýunlary oýnap bilersiňiz.
- Ýaz paslynda kanaldyr ýaplara suwuň gelmegi bilen ekerançylyk işlerine gyzgalaňly girişilýär. Oba ýerlerinde ýaşaýan çagalar suwuň ýakasynda oýnamagy, balyk tutmagy gowy görýärler. Bahar paslynda howanyň salkyndygy sebäpli, akar suwa düşmekden we palçyk oýnamakdan saklanmaly.
- Ýazky dynç alşynda öý işlerine hem kömekleşmeli, mekdepden berlen ýumuşlara taýýarlanmaly, Meýdana çykylanda, esasan hem, tebigatyň gözel künjeklerine dynç almaga gidilende ulularyň gözegçiliginde bolmaly.

---

## Karambola – miweleriň «ýyldyzy»

Ýyldyz miwesi ady bilen tanalýan karambola Günorta-Gündogar Aziýada ösdürilip ýetişdirilýän tropik miweleriň biridir. Bu miwäniň agajyna «averrhoa» diýilýär. Boýy 9 metre çenli ýetýän köp şahaly agajyň lawanda meňzeş gülleri we ýumurtga şekilli ýapraklary bolýar. Dünýäniň tropik sebitlerinde, 1200 metr belentlikdäki dag eteklerinde ösýän bu agaç örän çalt ýetişýär we 4-5 ýyldan hasyla durýar.

Karambolanyň iki görnüşi – kiçi turşy görnüşi we uly süýji görnüşi bar. Miwäniň gabygy sarymtyl-mämişi reňkde, iýilýän bölegi sary reňkde bolýar. Her miwede 10-12 sany goňrumtyl çigit bolýar. Miwede oksalat turşusy we karamboksin (neýrotoksin) saklanýar. Karambolanyň esasy bölegi suwdan ybarat bolup, az mukdarda uglewod we belok saklanýar.

Gapdalynda 5-6 sany burçy bolan karambolany keseniňde ýyldyzjyk emele gelýär. Miwäni gabygy bilen bilelikde tutuşlygyna iýip bolýar. Ýyldyz miwesinden şerbet taýýarlanylýar, süýjüliklere goşulýar, şeýle hem gaplanan görnüşde eksport edilýär.




Hytaýda ýyldyz miwesi balyk bilen bilelikde bişirilýär. Awstraliýada bu miwe gök-önümler bilen duzlanyp iýilýär, hem-de mürepbe edilýär. Ýamaýkada bolsa gury ir-iýmiş taýýarlanylýar. Filippinler karambolany duza basyp iýýärler. Tailandda bolsa krewetka bilen bilelikde bişirilýär. Awstraliýa, Gaýana, Hindistan, Ysraýyl, Malaýziýa we Filippinler ýyldyz miwesini öndürýän esasy ýurtlar hasaplanýar. Malaýziýa bu ugurda öňdeligi eýeläp, bu ýurtda her ýyl 120 müň tonnadan gowrak karambola öndürilýär.

---

## Durnalaryň täsin tansy

Durnalar Antarktidadan we Günorta Amerikadan başga dünýäniň ähli ýerinde ýaşaýarlar. Tebigatda uzyn aýakly we uzyn boýunly bu guşlaryň 15 görnüşi duş gelýär. Durnalar beýleki guşlardan boýunyň uzyn bolmagy bilen tapawutlanyp, olaryň käbiri 2 metre ýetýär. Batgalykda, suw kenarlarynda ýaşaýan bu guşlar çal ýa-da ak reňkli bolýar. Ösümlikleriň tohumy, ownuk jandarlar we miweler bilen iýmitlenýän durnalar ot-çöpüň ýa-da gyrymsy agaçlaryň şahalarynda höwürtgeläp, 2 ýumurtga goýýarlar. Durnalar Gimalaý daglarynyň üstünden geçip bilmek mümkinçiligi bolan güýçli uçujylar hasaplanýar. Guşlaryň bu görnüşi 8 müň metr beýiklige galyp bilýär. Durnalar ortaça 20-25 ýyl ýaşaýar.

Durnalaryň beýleki guşlardan tapawutly aýratynlygy olaryň tans edip bilmegidir. Hünärmenleriň bellemegine görä, uzyn boýly guşlar jübütini tapmak, baglanyşygy berkitmek we eýeçiligindäki zady goramak üçin tans edýärler. Durna tansy baş egmek, pyrlanmak, bökmek we ganatlaryny ýaýmak ýaly dürli hereketleri öz içine alýar. Şeýle hem olar tans wagty dürli sesleri çykarýarlar. Durnalar käte halkalaýyn aýlanyp, käte bolsa topar bolup hem tans edýärler. Olaryň tans etmek möwsümi, esasan, güýz paslyna gabat gelýär. Aslynda, tans etmek durnalaryň horazlaryna mahsus bolup, munuň sebäbi mäkiýanlarynyň göwnünden turmak diýip düşündirilýär. Durnalar saýlan jübüti bilen ömürlik ýaşaýarlar.

### Gyzykly pursat



---

### Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



### Labirint



### 7 tapawudy tapyň!





# BAÝRAMLARYŇYZ GUTLY BOLSUN!

HASAR

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we mähriban halkymyzy mukaddes Oraza baýramy mynasybetli tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys!

Halkymyzyň köpasyrlyk taryhynyň dowamynda döreden baý ruhy mirasy – Oraza baýramy dünýäniň umumadamzat gymmatlyklarynyň bir bölegidir. Remezan köňül öýleriniň mähri bilen baglanyşyklydyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ruhy dünýäsi ýagşylyga, ajap umyt-arzuwlara beslenen halkymyz her bir mukaddeslige kalp öýünden orun berip ýaşaýar. Oraza aýy ynsan durmuşyna, ýüregine nur çaýýar. Oraza aýynda halkymyz Diýarymyzyň asudalygy, il-günümiziň abadançylygy, Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi, halkymyzyň bagtyýar şu güni we röwşen geljegi ugrunda uly işleri alyp barýan **belent mertebeli Prezidentimiz** – Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli tutumly işleriňiziň hemişe rowaç bolmagy üçin doga-dilegler edýär. Goý, päklenmegiň belent nyşany hökmünde Allatagalanyň ynsan kalbyna bagyş eden mübärek Oraza aýynda edilen doga-dilegler, alkyş-ybadatlar Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolsun!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«HASAR» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

Täze aý

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi hem-de eziz halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Oraza aýynda halkymyz Diýarymyzyň dünýädäki abraýynyň, şan-şöhratynyň has-da belende galmagy, ýurt abadançylygy hem-de rowaçlygy üçin doga-dilegler edýär. Bularyň ählisi ata-babalarymyzyň mukaddes ýörelgelerine eýerip, biziň buýsanjymyz bolan eziz Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi ugrunda yhlasly zähmet çekýän, döredýän, gurýan halkymyzyň agzybirligini has-da pugtalandyrýar, nesillerimizi watansöýüjiligiň hem-de ynsanperwerligiň belent ruhunda terbiýeleýär, şöhratly geçmişimize, şu günümize, geljegimize buýsanjymyzy has-da artdyrýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi hem-de eziz halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys! Size işleriňizde rowaçlyk, mähriban halkymyza asuda asman we bagtyýar durmuş arzuw edýäris! Arzuwlaryň hasyl bolýan aýynda Beýik Biribardan Size berk jan saglyk, uzak ömür diläýäris!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÄZE AÝ» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

«Garagum Ulag» H. J.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe uly şatlyk-şowhun bilen bellenilýän Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýüregimizden, gyzgyn gutlaýarys!

Zähmetkeş halkymyz bu ajaýyp baýramçylygy uly ruhubelentlikde, agzybirlikde Siziň daşyňyza öňküden-de berk jebisleşmek bilen baýram edýär, ene topraga tohum sepilip, geljekki hasylyň düýbi tutulýar. Sizi ynsan kalplaryny joşduryp, göwünlere ganat baglaýan bu ajaýyp milli baýram bilen ýene-de bir gezek tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

AGRi

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyzda uly dabara bilen giňden bellenilip geçilýän Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni mynasybetli tüýs ýüregimizden mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny, ýurdumyzyň mundan beýläk hem bedew bady bilen ösmegini, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe mähriban halkymyzyň agzybirlikde, asudalykda, bagtyýarlykda ýaşamagy ugrunda alyp barýan ilýurt bähbitli işleriňiziň üstünliklere beslenmegini arzuw edýäris!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«IPS AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

AJAÝYP BINA
HOJALYK JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýurdumyzda giňden bellenilýän Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň bagtyýar halkynyň agzybirligini has-da jebisleşdirmekde, hal-ýagdaýyny gowulandyrmakda alyp barýan tutumly işleriňiziň rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýäris!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AJAÝYP BINA» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

**«TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ**
**«TÜRKMENTURBA» ZAWODY**

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Zemine ýaşyl ýaşaýşyň hoşboý ysyny saçyp, dünýäniň ýaşlygy, ynsanyň şatlygy Nowruz geldi. Sizi we Türkmenistanyň ähli halkyny Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň parasatly baştutanlygyňyzda ata Watanymyz Türkmenistanda erkana ýaşaýan halkymyz bagtyýar durmuşyň hözirini görýär. Agzybir raýatlarymyz beýik zamananyň ruhy joşguny bilen toýlaryny toýlaýar, baýramlaryny uly dabara besleýär. Biz hem şu baýramçylyk mynasybetli özümiziň iň gowy arzuwlarymyzy Size we agzybir halkymyza ýollaýarys!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENHIMIÝA» döwlet konserniniň «TÜRKMENTURBA» zawodynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# BAÝRAMLARYŇYZ GUTLY BOLSUN!

CNPC

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА**
**СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

Уважаемый господин Президент!

От имени Китайской национальной нефтегазовой корпорации CNPC выражаем Вам искренние поздравления по случаю священного праздника Ораза и светлого праздника весны Новруз!

Эти знаменательные дни, глубоко почитаемые туркменским народом, несут в себе высокие духовные ценности, символизируют мир, обновление и стремление к гармонии. Пусть Ораза укрепит веру и духовные силы, а Новруз принесёт новые достижения, устойчивое развитие и процветание.

Ораза является временем духовного очищения, милосердия и укрепления нравственных ценностей. Пусть этот благословенный праздник принесёт в каждый дом мир, согласие и изобилие, вдохновит на добрые дела и укрепит единство общества.

Новруз, символизирующий обновление природы и начало нового жизненного цикла, олицетворяет надежду, процветание и стремление к созиданию. Пусть он откроет новые горизонты развития, принесёт радость, успехи и уверенность в завтрашнем дне.

Мы высоко ценим стратегическое партнёрство и дружественные отношения между Китайской Народной Республикой и Туркменистаном, основанные на взаимном доверии, уважении и взаимной выгоде. CNPC намерена и впредь вносить достойный вклад в развитие двустороннего сотрудничества в энергетической сфере, способствуя укреплению экономического потенциала и благосостояния наших народов.

Желаем Вам, уважаемый господин Президент, крепкого здоровья, благополучия и дальнейших успехов в реализации масштабных программ развития Туркменистана. Туркменскому народу желаем мира, стабильности и процветания.

**С искренним уважением и наилучшими пожеланиями,**

Ду ЮЙМИН,
**Генеральный директор филиала Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорации «Интернационал Лтд.» (CNPC) в Туркменистане.**

HUAWEI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**ÇUŇŇUR HORMATLANÝAN**
**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI!**

Sizi we ähli türkmen halkyny Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen gutlaýarys! Goý, Türkmenistanda we her birimiziň öýlerimizde toý-baýramlaryň sany köp bolsun! Size berk jan saglyk we uzak ömür arzuw edýäris!

**Iň gowy arzuwlar bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD»**
**kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА**
**СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**
**ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ**
**ТУРКМЕНИСТАНА!**

Мы поздравляем Вас и весь туркменский народ с весенним праздником – Международным днем Новруз! Пусть во всем Туркменистане и в каждом доме будет больше праздников! Мы желаем Вам долгой жизни и крепкого здоровья!

**С глубоким уважением,**

**Представительство компании**
**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD»**
**в Туркменистане.**

speedcast

**TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANÝAN PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENT!**

Sizi we agzybir türkmen halkyny uly şatlyk-şowhun bilen bellenilýän Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Size berk jan saglygyny, uzak ömür arzuw edýäris!

Jim FROWNFELTER,
«Speedcast» kompaniýasynyň baş ýerine ýetiriji müdiri.

**TO THE HONORABLE PRESIDENT OF TURKMENISTAN**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOV**
**HONORABLE PRESIDENT!**

We congratulate You and whole turkmen nation on spring holiday – International Day of Novruz.

We wish You healthy and long life.

Jim FROWNFELTER,
CEO «Speedcast».

IKCO IRAN KHODRO Industrial Group

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENT!**

«Iran Khodro» kompaniýasynyň ýolbaşçylarynyň we ähli işgärleriniň adyndan Size hem-de Türkmenistanyň doganlyk halkyna mukaddes Oraza baýramy we Milli bahar baýramy - Halkara Nowruz güni mynasybetli tüýs ýürekden çykýan gutlaglarymyzy ýetirýäris. Goý, bu mukaddes we gadymy baýramlar Türkmenistanyň halkyna bagtyýarlyk, abadançylyk, rowaçlyk hem-de täze üstünlikleri getirsin.

Biz Türkmenistan bilen köpugurly hyzmatdaşlygyň yzygiderli ösdürilmegine ýokary baha berýäris, bu gatnaşyklaryň geljekde has-da pugtalandyryljakdygyna uly ynam bildirýäris, iki ýurduň arasynda dostlukly gatnaşyklaryň ösdüriljekdigine ynanýarys.

**Türkmenistanyň hormatly Prezidenti**, Size berk jan saglyk, halkara başlangyçlaryňyzda uly üstünlikler, türkmen halkyna bolsa parahatçylyk, ösüş we abadançylyk arzuw edýäris.

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

«EÝRAN KHODRO AŞGABAT KO»
**Golçur kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ÝAPYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Halkymyzyň öz milli gymmatlyklaryna hormat goýup, Gündogar senenamasy boýunça Täze ýylyň başlangyjy hökmünde belläp gelen Nowruz baýramynyň hatyrasyna her ýylyň mart aýynyň 21–22-si Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni diýlip yglan edilip, ýurdumyzyň ähli künjegi uly dabaralara beslenýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Milli bahar baýramy mynasybetli Sizi we Türkmenistanyň eziz halkyny agzybir işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

Tebigatyň ynsan kalbyna ruhubelentlik, şatlyk we galkynyş, jümle-jahana direliş hem-de täzeleniş bagyş edýän çagynda – pasyllaryň soltany baharda ýurt asudalygynda, il agzybirliginde, ruhubelentlikde, jebislikde bellenilýän Milli bahar baýramy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüni bezeýän şanly seneleriň biridir. Şeýle ajaýyp döwri halkymyza peşgeş berendigiňiz üçin, il-ulsumyzy döwletli-döwrana, bagtyýarlyk döwrüne ýetirendigiňiz üçin Siziň belent başyňyz aman bolsun!

**Hormatly Prezidentimiz!** Size berk jan saglyk, uzak ömür, türkmen döwletiniň gülläp ösmeginiň hatyrasyna alyp barýan işleriňizde üstünlikleriň ýaran bolmagyny, türkmen halkyna bolsa agzybirlik, parahatlyk, asuda we bagtyýar durmuş arzuw edýäris!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DEŇIZ SÖWDA FLOTY»**
**ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

# BAÝRAMLARYŇYZ GUTLY BOLSUN!

## ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA WE ÄHLI TÜRKMEN HALKYNA

PETRONAS

«PETRONAS Çarigali (Türkmenistan) Sdn Bhd» kompaniýasy Onuň Alyhezreti, Türkmenistanyň Çuňňur Hormatlanýan Prezidenti jenap Serdar Berdimuhamedowa, şeýle hem doganlyk türkmen halkyna uly şatlyk bilen garşylanýan mukaddes Oraza baýramy (Eid al-Fitr) hem-de Halkara Nowruz güni mynasybetli özüniň iň mähirli arzuwlaryny ýollaýar.

Size hem-de Türkmenistanyň dostlukly halkyna parahatçylyk, abadançylyk we mundan beýläk-de rowaçlyk arzuw edýäris. Bu çuňňur manyly dabaralaryň türkmen halky üçin üznüksiz durnuklylyk bilen uly üstünliklere beslenmegini, şeýle hem ýurduň ilaty üçin egsilmez şatlyk bilen asudalyk getirmegini dowam etmegini tüýs ýürekden dileg edýäris.

**Sizi çuňňur hormatlamak bilen,**

**«PETRONAS Carigali (Turkmenistan) Sdn Bhd» kompaniýasy**

## TO HIS EXCELLENCY, PRESIDENT OF TURKMENISTAN SERDAR BERDIMUHAMEDOW AND ALL TURKMEN PEOPLE

PETRONAS Carigali (Turkmenistan) Sdn Bhd extends the warmest regards to His Excellence the Highly Esteemed President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov and the gracious Turkmen people on the cherished occasions of the sacred Oraza Bayram (Eid al-Fitr) and International Nowruz Day.

We offer our sincerest wishes for Turkmenistan's friendly people enduring peace, harmony and wellbeing. May these meaningful celebrations usher in waves of stability and triumphant success for the nation, while bestowing joy and serenity upon her beloved people.

**With deep respect,**

**PETRONAS Carigali (Turkmenistan) Sdn Bhd**

## «TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J.

## «MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DILERI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Türkmenistanda giňden bellenilýän Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Müňýyllyklardan gözbaş alyp gaýdýan Halkara Nowruz güni adamzadyň umumy baýlygy, ynsanyýetiň medeni mirasydyr. Gözelligiň hem-de joşgunly durmuşyň bu nurana baýramy biziň döwrümizde ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi we iň uly baýramlaryň biri hökmünde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň ýörite Kararnamasy esasynda halkara baýram hökmünde ykrar edildi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ynsan kalbynyň tämizligini, döredijilik joşgunyny aňladýan Halkara Nowruz gününi bagtyýar we açyk göwünli halkymyz medeniýetiň, däp-dessurlaryň, ynsanperwerligiň we ýokary ahlaklylygyň sazlaşygyny özünde jemleýän Milli bahar baýramy hökmünde goňşy we doganlyk halklar bilen bilelikde, dürli naz-nygmatly, bereketli türkmen saçagy, milli oýunlary we aýdym-sazlary bilen dabaraly garşy alýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi tebigatyň täzelenmegini, bagtyýarlygy we abadançylygy alamatlandyrýan Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak ömür, halkymyza bolsa abadançylyk hem-de bagtyýarlyk arzuw edýäris!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J.**
**«MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DILERI**

## «MERTLIK RUHY» H.J.

## «HYUNDAI» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DISTRIBÝUTORY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Ýurdumyza «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň owadan bahary geldi. Ajaýyp bahar paslynyň gelmegi bilen tebigatyň gözel görki göwünlere egsilmez joşgun, ruhubelentlik paýlaýar. Gülli-gülälekli baharda Türkmenistanda bellenilýän baýramlaryň biri hem Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüdir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ynsanperwerligiň, hoşniýetliligiň we döredijiligiň egsilmez güýjüni özünde jemleýän bahar paslynda uly şatlyk-şowhun bilen bellenilýän bu baýram ruhubelentlige beslenýär. Sizi we halkymyzy Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Her günde ýyllara barabar ýol aşýan halkymyz üçin bu baýramyň çuň manysy bar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň bagtyýar halkynyň agzybirliginiň, çekýän halal zähmetiniň hatyrasyna, goý, Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak bolsun! Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň bagtyýar halkynyň agzybirligini has-da jebisleşdirmekde, hal-ýagdaýyny gowulandyrmakda alyp barýan tutumly işleriňiziň rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýäris!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

MERTLIK RUHY HYUNDAI

**«MERTLIK RUHY» H.J.**
**«HYUNDAI» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DISTRIBÝUTORY**